**TASLAMA RESMINAMASY**
***[Türkmenistan]***

**Taslamanyň ady:** Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa ornaşdyrmak üçin meýdança, IV tapgyr
**Taslamanyň belgisi:**

**Ýerine ýetiriji hyzmatdaş:** BMG-niň Ösüş maksatnamasy
**Milli hyzmatdaş:** Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi
**Başlanýan senesi:** 2026-njy ýylyň 1-nji ýanwary **Tamamlanýan senesi:** 2027-nji ýylyň 31-nji dekabry
**Taslamalara baha bermek boýunça komitetiň mejlisiniň geçirilen senesi:** 2025-nji ýylyň 29-njy maýy

| **Taslamanyň gysgaça beýany** |
|---|
| Türkmenistan durnukly ösüş ulgamynda 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibini ýerine ýetirmek, şol sanda Durnukly Ösüş Maksatlaryny (DÖM) milli ösüş meýilnamalaryna goşmak boýunça öz üstünde borçnama aldy.<br>2018-nji ýylda başlanan bu taslama DÖM-nyň gazanylmagyna goldaw bermäge gönükdirilendir we Türkmenistanyň degişli ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, şeýle hem BMG-niň agentlikleriniň DÖM-ny durmuşa geçirmek ulgamynda alyp barýan işlerini utgaşdyrmagy amala aşyrmak üçin bilelikdäki platformasy bolup durýar.<br>Şu taslamanyň dördünji tapgyry üçünji tapgyryň dowamy bolup durýar, geçen tapgyryň çäklerinde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine DÖM-ny durmuşa geçirmekligi ilerletmekde we durnukly maliýeleşdirmekde goldaw berildi, şeýle hem BSG-na girmek meseleleri boýunça milli mümkinçilik ýokarlandyryldy.<br>Taslamanyň dördünji tapgyrynyň maksady Türkmenistanda Birleşen Milletler Guramasynyň agza döwletleri tarapyndan kabul edilen Durnukly Ösüş Maksatlaryny durmuşa geçirmek boýunça çäreleriň utgaşdyrylmagy üçin jogapkär ygtyýarly edara hökmünde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň mümkinçiligini pugtalandyrmak arkaly durnukly ösüşe ýardam etmek bolup durýar.<br>Taslama şu bölekleri öz içine alar:<br>1) Durnukly Ösüş Maksatlaryny gazanmak üçin Türkmenistanyň üçünji Meýletin Milli Synyny taýýarlamagyň çäginde ösüşi maliýeleşdirmek başlangyçlaryny durmuşa geçirmekde ýardam bermek.<br>2) DÖM-ny lokallaşdyrmak (ýerli derejede ornaşdyrmak) meseleleri boýunça milli mümkinçiligini pugtalandyrmak. |

**BMG-TKM 2026-2030ýý. DÖUÇM 1 netijesini gazanmaga ýardam etmek:** 2030-njy ýyla çenli Türkmenistanyň halky döwlet dolandyryşyny gowulandyrmak we DÖM-ň gazanylmagyny üpjün etmek üçin adam hukuklary baradaky borçnamalara, kanunyň hökmürowanlygyna we gender deňlige esaslanyp, maliýe mümkinçiliklerini güýçlendirmek arkaly jogapkärçilikli dolandyryşa eýe bolar.

**Netije 1.3 BMGÖM ÝMR:** Milli DÖM gün tertibini goldaýan subutnamalara we hukuklara esaslanýan syýasatlar işlenip düzüldi we durmuşa geçirildi, ýeterlik býudjet serişdeleri bilen goldanyldy, bölünmedik maglumatlaryň kömegi bilen durmuşa geçirildi we gözegçilik edildi.
**Gender görkezijisi:** GEN 2

| | | |
|---|---|---|
| **Talap edilýän maliýe serişdeleriniň umumy pul möçberi:** | | **187,000 amerikan dollary** |
| **Türkmenistanyň Hökümeti:** | | **167,000 amerikan dollary** |
| | **2026 ýyl** | **90,925 amerikan dollary** |
| | **2027 ýyl** | **76,075 amerikan dollary** |
| **BMGÖM:** | | **20,000 amerikan dollary** |

Ylalaşyldy (gollar):

| **Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi** | **Türkmenistanda BMGÖM** |
|---|---|
| | |
| Mämmetguly Astanagulow<br>Ministr | Narine Saakýan<br>Hemişelik wekili |
| Sene: 02.02.2026 | Sene: 30.01.2026 |

## I. ÖSÜŞ WEZIPESI

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň agza döwletleri tarapyndan kabul edilen Durnukly Ösüş Maksatlaryny gazanmak boýunça 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibini amala aşyrmaga ygrarly bolup galýar we durnukly ykdysady ösüş we ilatyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak ugrunda özüniň milli strategiasyny emele getirýär. Türkmenistan 2016-njy ýyldan bäri DÖM-ny we degişli görkezijileri milli derejede uýgunlaşdyrmagyň üstünde ulgamlaýyn iş alyp barýar. Durnukly ösüşiň 17 maksadyny gazanmak boýunça borçnamalaryň çäklerinde 2017-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen DÖM-ny durmuşa geçirmek boýunça Iş topary döredildi, bu topar DÖM-nyň wezipeleriniň we görkezijileriniň ýerine ýetirilişine seljerme geçirmek we gözegçilik etmek üçin jogapkärdir.

Durnukly Ösüş Maksatlaryny durmuşa ornaşdyrmak üçin meýdança dördünji tapgyry taslamanyň üçünji tapgyrynyň dowamy bolup durýar. Taslamanyň üçünji tapgyrynyň çäklerinde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine DÖM-ny durmuşa geçirmekligi ilerletmekde we olary ýerine ýetirilişi boýunça döwürleýin milli hasabaty taýýarlamakda, durnukly ösüşi maliýeleşdirmek meselelerini kämilleşdirmekde we Maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn milli mehanizminiň (MTMM) ugurlaryny işläp taýýarlamakda, şol sanda BMGÖM-nyň çalt toplumlaýyn baha beriş ulgamy (RIA-Rapid Integrated Asseessment) býujet klassifikasiýasyny belgilemegi geçirmekde ýardam edildi, bu bolsa onuň DÖM-ny durmuşa geçirmegiň milli ileri tutulýan ugurlaryna laýyk gelýändigine seljerme geçirmäge mümkinçilik berdi, şeýle hem DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak (lokallaşdyrmak) işini ilerletmäge ýardam berildi.

Taslama Bütindünýä Söwda guramasyna girmek meseleleri boýunça milli mümkinçiligiň pugtalandyrmagyna we milli kanunçylygyň BSG-nyň ylalaşyklarynyň düzgünlerine laýyk getirilmegine ýardam etdi. Hususan-da, salgyt salmak ulgamynda işler geçirildi, hyzmatlar we maýa goýumlar ulgamynda içerki düzgünleşdiriş, şeýle hem bank, maliýe we beýleki hyzmatlar bazarynyň elýeterliligi meseleleri boýunça kadalaşdyryjy namalaryň taslamalary işlenip taýýarlandy. Bu çäreler ýurdy global söwda ulgamyna goşmak we durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmek boýunça milli strategik maksatlaryň gazanylmagyna ýardam etdi.

Şeýlelikde, taslamanyň üçünji tapgyry Türkmenistanyň durnukly ösüşi üçin esaslary pugtalandyrmakda möhüm ädim boldy. Bir tarapdan, maliýeleşdirmek meselelerini goşmak bilen, DÖM-ny durmuşa geçirmekde we gözegçilik etmekde ulgamlaýyn goldaw üpjün edildi. Beýleki tarapdan, ýurduň BSG-na girmegi babatynda gepleşikleri üstünlikli dowam etdirmek we eksport mümkinçiligini pugtalandyrmak üçin berk esas döredildi.

Durnukly Ösüş Maksatlaryny durmuşa ornaşdyrmak üçin meýdançasynyň dördünji tapgyrynyň çäklerinde DÖM-ny durmuşa geçirmekde Türkmenistanyň gazanan öňegidişligi boýunça üçünji Meýletin Milli Synyny (MMS) işlenip taýýarlanar, bu bolsa ýurda milli derejede öňegidişlige baha bermek boýunça ulgamlaýyn işiň çäklerinde özüniň halkara borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmäge mümkinçilik berer.

Türkmenistan BMG-niň ýokary derejeli syýasy forumunyň çäklerinde birinji Meýletin Milli Synyny 2019-njy ýylda, ikinjisi bolsa 2023-nji ýylda hödürledi. Bu synlar ýurduň Durnukly Ösüş Maksatlaryna (DÖM) ygrarlylygyny görkezýär we olary milli strategiýa we strategik meýilleşdirmäge goşmakda gazanylan öňegidişlige şaýatlyk edýär.

Birinji MMS (2019) DÖM-nyň milli strategik resminamalara goşulmagyny, gözegçilik etmek we durmuşa geçirmek üçin Pudagara utgaşdyryjy mehanizmiň döredilmegini, şeýle hem ösüşe baha bermek üçin milli görkezijileriň işlenip taýýarlanmagyny goşmak bilen, Türkmenistanyň ösüş maksatnamalary ornaşdyrmak boýunça ulgamlaýyn işleri geçirendigini tassyklady. Şunda ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak, durmuş ösüşi, ekologiýa we howanyň üýtgemegi meseleleri möhüm ileri tutulýan ugurlar hökmünde kesgitlendi.

Ikinji MMS (2023) durnukly ösüşi pugtalandyrmaga gönükdirilen institusional mehanizmleriň we strategiýalaryň ösdürilmegine üns berdi. Synda pandemiýa garşy hereket etmek boýunça geçirilen, durnukly ösüşiň täze parametrlerine geçilmegine ýardam eden çäreler görkezildi. DÖM-ny durmuşa geçirmegiň institusional esaslaryny kämilleşdirmekde, milli syýasatda merkezinde adam durýan çemeleşmäniň güýçlenmeginde, sanlylaşdyrmaga we «ýaşyl ykdysadyýete» geçmekde gazanylan öňegidişlik bellenildi. Türkmenistanyň Bütindünýä söwda guramasyna girmegi bilen bagly işleri goşmak bilen, halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmek meselelerine düýpli üns berildi.

Ikinji MMS-da bellenen geljekki ileri tutulýan ugurlar DÖM-ny lokallaşdyrmaga. Milli maliýeleşdiriş ulgamlaryny kämilleşdirmäge, şeýle hem dürli sebitleriň aýratynlyklaryny we olar üçin wehimleri hasaba almak üçin sebitleýin we ýerli edaralar bilen has işjeň özara hereket etmeklige gönükdirlendir. Bu çäreler «hiç kimi çetde goýmaly däl» ýörelgesine laýyklykda durnukly ösüşe gözükdirilen syýasaty işläp taýýarlamaga we durmuşa geçirmäge has salgylaýyn çemeleşmegi üpjün etmäge mümkinçilik berer.

Türkmenistanyň 2027-nji ýylda hödürlemegi göz öňünde tutýan üçünji MMS ýurduň gazanan öňegidişliginde ünsi jemlär, şunda ol durnukly ösüş ulgamynda Gün tertibini durmuşa geçirmekde ýurduň ileri tutýan ugurlaryny görkezer.

Türkmenistanyň üçünji Milli Meýletin Synynyň (MMS) taýýarlanmagy ýurduň 2030-njy ýyla çenli çenli Gün tertibini durmuşa geçirmäge berk ygrarlylygyny tassyklar, gazanylan ösüşi we üstünlikli tejribeleri görkezer, degişli wehimleri belläp geçer, şeýle hem bu ugurda strategik garaýyşlary we ýurt derejesinde hem-de lokal derejede DÖM-ny gazanmak ugrundaky geljekki ädimleriň ileri tutulýan ugurlaryny beýan eder.

Türkmenistanda DÖM-ny durmuşa geçirmegiň möhüm bölegi ýurduň DÖM-na laýyklykda ykdysady, durmuş we ekologiýa taýdan ösüşini saklamaga ukyply durnukly maliýeleşdiriş ulgamyny gurmak bolup durýar.

Türkmenistanyň Hökümeti ösüşi maliýeleşdirmek boýunça geçirilen halkara maslahatlaryň gazanylan ylalyşyklary we borçnamalary durmuşa geçirmäge doly meýillidigini görkezýär, şol maslahatlaryň arasynda ösüşi maliýeleşdirmek boýunça IV Halkara maslahatynyň Sewiliýa hereket meýilnamasynda we deňize çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça 2024-2034-nji ýyllar üçin BMG-niň üçünji maslahatynyň Awaza hereket meýilnamasynda bellenen ýörelgelere aýratyn üns berilýär. Bu borçnamalar durnukly ösüş boýunça 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň aýrylmaz bölegi bolup durýar we DÖM boýunça milli gün tertibine goldaw bermek üçin ygtybarly esas bolup hyzmat edýär.

DÖM-ny gazanmakda möhüm ädimleriň biri Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen BMG-niň arasynda Durnukly Ösüş Maksatlaryny gazanmakda hyzmatdaşlyk etmek boýunça özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekilmegi boldy. Resminama maliýe serişdeleriniň

jemlenmegini we 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň durmuşa geçirilmegini çaltlandyrmak üçin Türkmenistan bilen BMG-niň arasynda strategik hyzmatdaşlagyny giňeltmegiň berk esasyny üpjün edýär. Şunuň bilen birlikde, DÖM-ny gazanmak üçin milli hem-de halkara serişdeleri çekmäge we netijeli peýdalanmaga gönükdirilen Maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn milli mehanizmini (MTMM) gurmak boýunça BMGÖM Türkmenistanyň Hökümetine goldaw berýär.

Ýurtda MTMM-niň ornaşdyrylmagy Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň gündelik wezipelerine doly laýyk gelýär we döwlet maliýesini dolandyrmagyň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça meseleleriň giň toplumyny öz içine alýar. Bu milli ösüş maksatnamalary bilen býujet çykdajylaryny DÖM-ny hasaba alyp meýilleşdirmegiň arasyndaky baglanyşygy gowulandyrmagy öz içine alýar. MTMM-ni ornaşdyrmak bilen baglylykda Ministrlik 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň durmuşa geçirilişini çaltlandyrmak üçin BMG-niň Ösüş maksatnamasy we beýleki halkara guramalar tarapyndan berilýän tehniki bilimlerden we tejribeden giňden peýdalanýar.

2021-nji ýylyň maýynda DÖM-ny maliýeleşdirmek boýunça BMG bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň Bilelikdäki bilermenler topary döredildi, bu durnukly maliýeleşdirmäge çemeleşmeleri jikme-jik öwrenmekde möhüm ädim boldy. Bu topar MTMM arkaly maliýeleşdirmegi we ony peýdalanmagy hem-de ýurduň uzak möhletli Durnukly Ösüş Maksatlarynyň gazanylmagyna ýardam etjek beýleki netijeli maliýeleşdiriş gurallaryny iş ýüzünde ulanmak meselelerine seretmek bilen meşgullanýar.

DOM-ny maliýeleşdirmegiň ileri tutulýan ugurlary Türkmenistanyň ikinji Meýletin Milli Synynda (2023) hem beýan edildi, olar Addis-Abeba hereketler meýilnamasynyň çäklerinde kabul edilen borçnamalaryň ýerine ýetirilmegine gönükdirilendir. Şunda maliýeleşdirmegiň milli ulgamlarynyň kämilleşdirilmegine esasy üns berilýär, bu DÖM-nyň has netijeli durmuşa geçirilmegine ýardam edýär we ýurduň durnukly ösmegini üpjün edýär.

DÖM-ny gazanmak üçin ep-esli möçberde goşmaça maliýe serişdeleriniň talap edilýändigine garamazdan, Türkmenistan, girdejisi orta derejeden ýokary bolan ýurt hökmünde, 2030-njy ýyla çenli DÖM boýunça milli wezipeleri gazanmak üçin özüniň içerki serişdelerine daýanýar.

Ýurt 2023-nji ýylda DÖM boýunça sammitde Türkmenistanyň milli borçnamalarynyň çäklerinde bu garaýşyny ýene bir gezek tassyklamak bilen, Hökümetiň durnukly ösüş ulgamynda maksatlary we ileri tutulýan ugurlary döwlet derejesinde maliýeleşdirmek üçin özüniň içerki mümkinçiligini giňden peýdalanjakdygyny belledi[1].

DÖM-ny maliýeleşdirmegiň durnukly ulgamyny döretmek üçin ýurt döwlet maliýesini dolandyrmagy kämilleşdirmegi dowam etdirmelidir, bu orta möhletli durmuş-ykdysady ösüş maksatlaryny we DÖM-ny maliýeleşdirmek üçin döwlet serişdelerini peýdalanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmaga kömek eder. MTMM-niň aýry-aýry gurallarynyň ornaşdyrylmagy şu wezipäniň durmuşa geçirilmegine ýardam eder. Türkmenistan eýýäm MTMM-niň «Baha bermek we Anyklamak» atly birinji bölegini durmuşa geçirmäge girişdi we 2022-nji ýylda Ösüşiň maliýeleşdirilişine baha bermegi (ÖMB) geçirdi, bu çäre ýurtda maliýeleşdirmegiň mümkin bolan çeşmelerine we orta möhletli we uzak möhletli geljekde serişdeleri jemlemegiň mundan beýläkki ugurlaryna düşünmäge gönükdirilendir. Ösüşiň maliýeleşdirilişine baha bermegiň jemleri boýunça Türkmenistanda MTMM-niň «Baha bermek we Anyklamak», «Dolandyryş we utgaşdyryş» atly birinji we dördünji bölekleriniň

[1] SDG National Commitments Form Submissions | Sustainable Development

örän netijeli durmuşa geçirilendigi we «Maliýeleşdirmegiň strategiýasy» we «Gözegçilik» bölekleri boýunça işiň yzygiderli dowam etdirilýändigi barada netijä gelip bolar.

DÖM-ny durmuşa ornaşdyrmak üçin meýdançasynyň dördünji tapgyryny durmuşa geçirmegiň çäklerinde DÖM-ny lokallaşdyrmak boýunça taslamanyň mundan öňki üçünji tapgyrynda başlanan iş hem dowam etdiriler. 2020-nji ýyla çenli Gün tertibinde DÖM-ny durmuşa geçirmäge ýerli (lokal) çemeleşmeleri ulanmaklyga uly ähmiýet berilýär, şunda oba etraplarynyň abadançylygyny gowulandyrmak, ilatyň ýaşaýşynyň hilini ýokarlandyrmak, jemgyýetiň ynjyk toparlaryna goldaw bermek we gender deňligini gazanmak maksatlary göz öňünde tutulýar. Ýerli derejede ornaşdyrmak (lokallaşdyrmak) DÖM-nyň ýörelgeleriniň, wezipeleriniň we görkezijileriniň ýerli derejede kabul edilýän meýilleşdiriş we ösüş maksatnamalaryna goşulmagyna gönükdirilen birnäçe çäreleriň geçirilmegini talap eder. Şunda ýerli derejede ornaşdyrmak işiniň ählumumy häsiýetiniň bardygyny we raýat jemgyýeti, ýerli bileleşikler, ylmy toparlar we hususy bölek ýaly ýerli gyzyklanýan taraplaryň ählisini öz içine alýandygyny bellemek gerek. Şunuň bilen baglylykda, DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak milli ösüşiň ileri tutulan ugurlaryny, derwaýys meseleleri, wehimleri, şeýle hem her bir anyk sebit üçin häsiýetli bolan mümkinçilikleri hasaba almak bilen amala aşyrylmalydyr. Sebitiň netijeli ösmegi onuň özboluşly faktorlarynyň we durmuş ulgamyny gowulandyrmak, ykdysady ösüşi we daşky gurşawy goramagy höweslendirmek ýoly bilen onuň bar bolan mümkinçiliginiň peýdalanylmagyny göz öňünde tutýar. Şeýle-de bolsa, ähli sebitler üçin ýeke-täk strategiýany ulanmak kyn bolar, sebäbi olaryň her biriniň öz aýratynlyklary, durmuş-ykdysady derejesi we serişdeleri bolýar. DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak bu tapawutlary hasaba almaga mümkinçilik berýär we sebit derejesinde has deňeçer we durnukly ösüş gazanmaga ýardam edýär. Bu işde DÖM-nyň gazanylmagyny çaltlandyrmaga gönükdirilen özgerdiji çäreleri ornaşdyrmakda esasy orun eýeleýän ýerli ýerine ýetiriji edaralara möhüm orun berilýär.

BMGÖM we FAO guramasy tarapyndan bilelikde işlenip taýýarlanan, Ýewropada we Merkezi Aziýada DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak boýunça usulýýete[2] (2023-nji ýylda çap edildi) laýyklykda, ýurtlara DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak işini birnäçe tapgyrda geçirmek maslahat berilýär. DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak işi, gyzyklanýan taraplaryň çekilmegini hasaba almak we «hiç kimi çetde goýmaly däl» ýörelgesine eýermek bilen, yzygiderli tapgyrlaryň durmuşa geçirmegini öz içine alýar, şeýle hem bu iş sebit derejesinde DÖM-nyň gazanmakda öňegidişligi görkezýän Meýletin ýerli synlaryň taýýarlanmagyny göz öňünde tutýar.

Türkmenistanda DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmagyň käbir tapgyrlarynyň bölekleýin görnüşde geçirilendigini bellemek gerek, olaryň arasynda döwlet tarapyndan meýilleşdiriş ulgamynyň resminamalarynyň DÖM bilen laýyk gelýändigini anyklamak maksady bilen, şeýle hem DÖM-ny hasaba alyp, ony mundan beýläk hem kämilleşdirmek we DÖM-nyň kabul edilen wezipelerini we görkezijilerini ýerli derejede ornaşdyrmaga çemeleşmeleri işläp taýýarlamak üçin 2017, 2019 we 2022-nji ýyllarda BMGÖM tarapyndan geçirilen Çalt toplumlaýyn baha bermegiň (Rapid Integrated Asseessment) netijelerini görkezip bolar. Hökümetiň milli meýilleşdiriş ulgamyny DÖM sazlaşdyrmak üçin boýunça işi ulgamlaýyn esasda geçirilýär, şonuň netijesinde milli ileri tutulýan ugurlaryň DÖM bilen laýyklygynyň ýokary derejesi bellenýär.

---

[2] https://openknowledge.fao.org/server/api/core/bitstreams/ba6027bb-17cf-4ff5-9b0b-2a3b628a44b8/content

2025-nji ýylda taslamanyň üçünji tapgyrynyň çäklerinde BMŞÖM tarapyndan Türkmenistan üçin Durnukly Ösüş Maksatlaryny (DÖM) ýerli derejede ornaşdyrmagyň usulyýeti işlenip taýýarlandy. Bu resminama BMGÖM-nyň we FAO guramasynyň maslahatlaryny, öňdebaryjy halkara tejribelerini, şeýle hem ýurduň sebitleriniň ösiş aýratynlyklaryny hasaba almak bilen taýýarlandy.

Usulyýet Türkmenistanda DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak işini bitewi we ulgamlaýyn tertipde gurmak üçin esas bolup hyzmat eder. Bu işiň çäklerinde ýerli ýerine ýetiriji edaralaryň habarlylygyny we baş çykaryjylygyny ýokarlandyrmak meýilleşdirilýär, bu bolsa ýerli derejede DÖM-nyň wezipeleri we görkezijileri bilen has netijeli tanyşdyrmaga mümkinçilik berer.

DÖM-nyň ýerli derejede ornaşdyrylmagy, ileri tutulýan çäreleri – gowy hilli hyzmatlaryň elýeterliligini, oba hojalyk çäkleriniň ösdürilmegini, ilatyň ynjyk toparlaryna goldaw berilmegini goşmak bilen, milli wezipeleri Türkmenistanyň her sebitiniň durmuş-ykdysady ýagdaýyna laýyk getirmäge mümkinçilik berer. Ýerli ýerine ýetiriji edaralaryň çekilmegi we olar bilen okuw geçilmegi DÖM-ny ornaşdyrmagyň we gözegçilik etmegiň durnukly ulgamyny döretmäge, dolandyryşyň we hasabatlylygyň hilini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berer. Işlenip taýýarlanan usulyýetiň esasynda DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmaga ulgamlaýyn çemeleşme 2030-njy ýyla çenli Gün tertibine has gowy düşünilmegini we durmuşa geçirilmegini üpjün eder, şeýle hem ýaşaýşyň hilini gowulandyrmaga gönükdirilen özgertmeleri we maksatnamalary durmuşa geçirmekde sebitleriň mümkinçiligini ýokarlandyrar.

Şu taslama Türkmenistan bilen BMG-niň arasynda Durnukly ösüş ulgamynda hyzmatdaşlygyň 2026-2030-njy ýyllar üçin Çarçuwaly Maksatnamasynyň, şeýle hem Türkmenistan bilen BMGÖM-nyň arasynda hyzmatdaşlygyň 2026-2030-njy ýyllar üçin ýurt maksatnamasynyň hereketler meýilnamasynyň maksatlaryna we wezipelerine laýyk gelýär hem-de Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine milli mümkinçiligi güýçlendirmek boýunça taslamanyň nobatdaky (dördünji) tapgyryny ýerine ýetirmegiň çäklerinde DÖM-nyň gazanmak boýunça üçünji Meýletin Milli Synyny taýýarlamakda, DÖM-ny gazanmagy çaltlandyrmak maksady bilen, Maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn milli mehanizmini mundan beýläk hem durmuşa geçirmek üçin çemeleşmeleri we gurallary işläp taýýarlamakda we ýerli ýerine ýetiriji edaralaryň DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak babatynda mümkinçiligini ýokarlandyrmakda tehniki ýardam bermegi teklip edýär.

## II. STRATEGIÝA

Taslamanyň dördünji tapgyry BMG-niň Ösüş maksatnamasy bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň durnukly ösüş ulgamynda 2030-njy ýyla çenli global Gün tertibini durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaşlyk etmegi nukdaýnazaryndan strategik taýdan möhüm resminama bolup durýar. Ol 2016-njy ýylyň sentýabrynda Türkmenistan tarapyndan hökümet derejesinde resmi taýdan kabul edilen Durnukly Ösüş Maksatlaryna (DÖM) doly laýyk gelýär.

Taslamanyň dördünji tapgyryny amala aşyrmagyň çäklerinde BMGÖM-nyň ýardam strategiýasy BMGÖM-nyň 2026-2030-njy ýyllar üçin Ýurt maksatnamasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň durmuşa geçirilmegine kömek eder. Hususan-da, gürrüň 2030-njy ýyla çenli Gün tertibini we milli ösüş maksatlaryny gazanmakda ýurduň ösüşini çaltlandyrmak üçin meýilleşdiriş we dolandyryş ulgamlaryny güýçlendirmek, ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmagy ýokarlandyrmak barada gidýär.

Taslama 2030-njy ýyla çenli Gün tertibini durmuşa geçirmegiň barşynda milli aýratynlyklary we ileri tutulýan ugurlary hasaba almaga, şeýle hem durnukly ösüşiň ähli üç komponentiniň – ykdysady, durmuş we ekologiýa bölekleriniň deňeçerligini üpjün etmäge gönükdirilendir. Ol milli derejede hem-de ýerli (lokal) derejelerde durnukly ösüş çärelerini pugtalandyrmaga ýardam eder.

Taslama bitewi ykdysady syýasaty, durmuş-ykdysady ösüşiň strategiýasyny işläp taýýarlaýan we durmuşa geçirýän, Döwlet býujetini düzýän we ýerine ýetirýän, şeýle hem milli derejede Durnukly Ösüş Maksatlarynyň (DÖM) durmuşa geçirilişine gözegçilik etmegi we bu işi utgaşdyrmagy üpjün edýän edara hökmünde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň mümkinçiligini ýokarlandyrmagy göz öňünde tutýar.

Taslamanyň esasy maksady DÖM-nyň durmuşa geçirmek üçin milli mümkinçiligi pugtalandyrmakda Türkmenistanyň Hökümetine goldaw bermek bolup durýar. Bu durnukly ösüş boýunça hasabatlylygyň kämilleşdirilmegini, DÖM-ny gazanmak boýunça üçünji Meýletin Milli Synyň taýýarlanmagyny, şeýle hem DÖM-ny gazanmagy çaltlandyrmak maksady bilen, Maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn milli mehanizmini durmuşa geçirmek üçin çemeleşmeleri we gurallary işläp taýýarlamaklygy öz içine alýar, bu bolsa DÖM-nyň gazanylmagyny çaltlandyrar. Mundan başga-da, taslama ýerli ýerine ýetiriji edaralaryň DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak babatynda mümkinçiligini ýokarlandyrmaga ýardam eder.

Taslama şu bölekleri öz içine alar:

***1 bölek.*** Durnukly Ösüş Maksatlaryny gazanmak üçin Türkmenistanyň üçünji Meýletin Milli Synyny taýýarlamagyň çäginde ösüşi maliýeleşdirmek başlangyçlaryny durmuşa geçirmekde ýardam bermek.

***Durnukly Ösüş Maksatlaryny gazanmak üçin üçünji Meýletin Milli Synyny taýýarlamak.***

Sewiliýa we Awaza Hereket meýilnamalarynyň maslahatlaryndan ugur alyp, ösüş maksatnamalarynyň we strategiýalarynyň öz wagtynda ýerine ýetirilmegini goşmak bilen, BMGÖM usulyýeti boýunça maliýeleşdirmegi bahalandyrmagyň wajyplylygy, ýurtda bar bolan maliýeleşdiriş çeşmelerini seljermegi, maliýe ulgamynyň netijeliligini bahalandyrmagy boýunça BMGÖM Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine maliýeleşdirmek meseleleri boýunça ekspert goldawyny berer.

Şunuň bilen baglylykda, 2030-njy ýyla çenli Gün tertibini durmuşa geçirmegiň barşyna ýurtlaryň Meýletin Milli Synlaryna ösüşi maliýeleşdirmek meseleleriniň goşulmagy wajypdyr.

Taslama Durnukly Ösüş Maksatlaryny gazanmak boýunça üçünji Meýletin Milli Synyny taýýarlamakda Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine hemmetaraplaýyn goldaw berer. Başlangyjyň çäklerinde seljerme materiallarynyň işlenip taýýarlanmagyny, iş duşuşyklarynyň, okuw çäreleriniň guralmagyny we gyzyklanýan taraplar bilen maslahatlaryň geçirilmegiň goşmak bilen, usulyýet we tehniki kömek bermek göz öňünde tutulýar.

DÖM boýunça öňegidişlige gözegçilik etmek we baha bermek ulgamynda, ýerli derejede hasabatlylygyň netijeli platformalarynyň emele getirilmeginde ünsi jemlemek bilen, milli mümkinçiligi pugtalandyrmaga aýratyn üns berler. MMS-da gazanylan üstünlikler hem, durnukly ösüş ýolunda Türkmenistanyň gabat gelýän kynçylyklary hem görkeziler. Mundan başga-da, taslama bu resminamany taýýarlamak boýunça toplumlaýyn iş geçirmek üçin hyzmatdaşlaryň giň toparynyň

– merkezi we ýerli ýerine ýetiriji edaralaryň, ylmy edaralaryň, raýatlaryň we hususy bölegiň işjeň gatnaşmagyna ýardam eder.

Şeýle hem üçünji syn sebitleýin ösüşiň ileri tutulýan ugurlarynda ünsi jemlär. Şu maksat bilen sebitleýin derejede durnukly ösüşiň has ähmiýetli wezipelerini ýüze çykarmak üçin maslahatlary geçirmek meýilleşdirilýär. Bu DÖM-nyň anyk sebitler üçin derwaýys bolan maksatlarynyň ileri tutulmagyna mümkinçilik berer. Ýerli derejede ýüze çykarylan ileri tutulýan ugurlar degişli DÖM bilen deňeşdiriler we BMG-niň klaster maksatlary bilen bir hatarda DÖM-na goşular, bu bolsa «aşakdan ýokary» çemeleşmäniň ulanylmagyny üpjün eder we ýurdy durnukly ösdürmegiň milli syýasaty üçin hem, sebit syýasaty üçin hem DÖM-nyň möhümligini ýokarlandyrar.

***2022-nji ýylda geçirilen Ösüşi maliýeleşdirmäge baha bermekligi derwaýyslaşdyrmak***

2022-nji ýylda geçirilen Ösüşi maliýeleşdirmäge baha bermek çäresi ýurt üçin elýeter bolan ähli maliýeleşdiriş çeşmeleri barada jemlenen maglumatlaryň we olary seljermegiň gymmatly çeşmesi boldy, şeýle hem maliýe ulgamynyň netijeliligine baha berdi. MTMM ornaşdyrmak boýunça mundan beýläkki işler 2026-njy ýylda ÖMB işleriniň derwaýyslaşdyrylmagyny, şeýle hem MTMM mundan beýläk hem durmuşa geçirmek boýunça seljermeleriň we maslahatlaryň çuňlaşdyrylmagyny talap eder. Täzelenen ÖMB häzirki ýagdaýa we Maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn strategiýasyny işläp taýýarlamak, şeýle hem ýurtda orta möhletli býujetirlemegiň esaslaryny ornaşdyrmak boýunça geljekki çemeleşmelere goldaw bermäge üns bermek bilen, ÖMB ähli dört bölegi (komponenti) boýunça öňegidişlige seljerme geçirmekde jemlener.

2022-nji ýyldaky Ösüşi maliýeleşdirmäge baha bermegiň netijesine geçirilen seljermäniň Türkmenistanda ösüşi maliýeleşdirmegiň elýeter bolan möçberine we däplerine düşünmekde düýpli ýetmezçilikleri aradan aýyrmaga mümkinçilik berendigine garamazdan, täzeden geçiriljek ÖMB çäklerinde Durnukly Ösüşiň Maksatlaryny döwletiň maliýeleşdiriş ulgamyna goşmak üçin has amatly bolan institusional faktorlary (hukuk, kadalaşdyryjy we ş.m.) we kömekçi ekoulgamlary (institutlar we gyzyklanýan taraplar) has jikme-jik öwrenmek we baha bermek zerurdyr.

Derwaýyslaşdyrylan ÖMB gymmaty döwlet we hususy bölek tarapyndan maliýeleşdirmegiň has doly görnüşini emele getirmekden, şeýle hem 2022-nji ýylyň ÖMB bilen baglylykda ozalky netijeler we maslahatlar bilen deňeşdirip seljermek geçirmekden ybaratdyr.

Derwaýyslaşdyrylan ÖMB çäklerinde hususy maliýe serişdelerini we döwlete dahylsyz subýektleri Durnukly Ösüş Maksatlaryny gazanmaga Türkmenistanyň Hökümetiniň çemeleşmesine has işjeň çekmek wezipesi goýlar. Mundan başga-da, ýurtda maliýeleşdirmäge bitewi we toplumlaýyn çemeleşilmegini üpjün etmek üçin meýilleşdirmek wezipesi bilen maliýe syýasatynyň arasyndaky baglanyşygy pugtalandyrmaga aýratyn üns berler.

Şeýlelikde, Hökümet 2023-nji ýylda geçirilen DÖM boýunça sammitiň[3] jemleri boýunça ýurduň ÖMB çäresiniň netijeleriniň we maslahatlarynyň esasynda MTMM durmuşa geçirmek boýunça geljekki ugurlary işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek boýunça milli borçnamalaryny amala aşyryp biler.

***Salgyt syýasatynyň sazlaşyklylygyna üns bermek bilen, maliýeleşdirmegiň gurallary boýunça***

***Türkmenistanda hususy bölege goldaw bermegiň düzgünleşdiriji-institusional binýadyna seljerme geçirmek we Maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn milli mehanizmini durmuşa geçirmegiň çäklerinde***

[3] https://sdgs.un.org/national-commitments-sdg-transformation/22302

***<u>hususy bölegi maliýeleşdirmegiň üstünlikli halkara tejribelerini ulanmak boýunça maslahatlary işläp taýýarlamak.</u>***

Şu işiň çäklerinde Türkmenistanda hususy bölege goldaw bermegiň düzgünleşdiriji-institusional binýadyna jikme-jik seljerme geçiriler, şeýle hem telekeçiligi alyp barmagyň şertlerini gowulandyrmak we milli ileri tutulan ugurlara laýyklykda hususy bölegiň ösüşini höweslendirmek üçin maslahatlar işlenip taýýarlanar.

Türkmenistanda hususy bölege goldaw bermegiň düzgünleşdiriji-institusional binýadyna geçiriljek seljerme hususy bölegiň işini düzgünleşdirýän kanunlara we kadalaşdyryjy namalara baha bermek, hususy bölege goldaw bermegiň bar bolan döwlet syýasatlaryny we maksatnamalaryny (subsidiýalar, salgyt ýeňillikleri, maliýeleşdirmek) seljermek, şeýle hem hususy bölegi goldamaga ýardam edýän agentlikleri, assosiasiýalary we beýleki düzümleri goşup, döwlet we hususy guramalaryň ornuny öwrenmäge üns bermek bilen, kabinet barlaglaryna esaslanar. Şeýle hem emele getirilýän Maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn milli mehanizminiň çäklerinde, şeýle hem hususy bölegi maliýeleşdirmek boýunça daşary ýurtlaryň üstünlikli tejribeleriniň esasynda durnukly ösüş we hususy bölegi çekmek boýunça maslahatlar işlenip taýýarlanar.

***<u>Durnukly ösüş gurallaryny ulanmak babatynda ýerli ýerine ýetiriji edaralaryň we kiçi we orta telekeçiligiň wekilleriniň mümkinçiligini ýokarlandyrmak.</u>***

Şu taslamanyň çäklerinde merkezi we ýerli derejeleriň döwlet gullukçylarynyň hünärini ýokarlandyrmak boýunça BMGÖM-nyň bilermenlerini çekmek bilen okuw seminarlaryny geçirmek meýilleşdirilýär, olar DÖM-ny gazanmak üçin maliýeleşdirmegiň garyşyk maliýeleşdiriş, ýaşyl maliýeleşdiriş, kepillik bermek, ýaşyl obligasiýalary çykarmak ýaly innowasion gurallary peýdalanmakda hünäri ýokarlandyrmaga gönükdiriler. Bu çäreler durnukly ösüş syýasatynyň durmuşa geçirilmegi üçin jogapkär hünärmenleriň mümkinçiligini pugtalandyrmaga, şeýle hem ýurduň ykdysadyýetiniň möhüm sektorlaryna durnukly we ekologiýa taýdan jogapkär maýa goýumlary çekmek we DÖM boýunça milli gün tertibini goldamak üçin şertleri döretmäge gönükdirilendir. Hususan-da, Türkmenistanyň ýerli ýerine ýetiriji edaralarynyň wekilleriniň durnukly we elýeter maliýe serişdelerini çekmäge gönükdirilen döwrebap maliýe gurallaryny peýdalanmak babatynda mümkinçilikleriniň ýokarlandyrylmagy ekologiýa we durmuş töwekgelçiliklerine has netijeli baha bermäge we olary dolandyrmaga mümkinçilik berer, taslama işiniň we maýa goýum işiniň hilini ýokarlandyrar, şeýle hem sebitleriň ileri tutulýan taslamalaryna halkara maýasyny çekmek üçin has amatly şertleri döreder.

Mundan başga-da, şu bölegiň çäklerinde BMGÖM tarapyndan döwlete dahylsyz bölegiň wekilleri üçin okuw treninglerini we seminarlary geçirmek boýunça ýardam berler, bu çäreler kiçi we orta telekeçiligi goldamagyň we ösdürmegiň netijeli modellerine bagyşlanar. Olar durnukly telekeçilik modelleri we tejribeleri babatynda telekeçileriň habarlylygyny ýokarlandyrmaga we başarnyklaryny ösdürmäge gönükdiriler. Şunda öndürijiligi ýokarlandyrmak, durnukly önümçilik hatarlaryny döretmek, serişdeleri netijeli peýdalanmak ýaly ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalary ornaşdyrmak we telekeçiligi alyp barmaga jogapkär çemeleşmäni ösdürmek ýaly jähtlere aýratyn üns berler. Bu treningler we seminarlar olaryň durnukly we ekologiýa zyýansyz standartlaryny çalt öwrenmeklerine ýardam etmek bilen, kiçi we orta telekeçilik segmentiniň ösmegine oňyn täsir eder. Bu bolsa, öz gezeginde, olaryň uzak möhletli bäsleşige ukyplylygyna, durnuklylygyna we ekologiýa kadalarynyň we durnukly ösüş standartlary berjaý edilmegine barha möhüm üns berilýän global bazarlara üstünlikli goşulyşmak ukybyna ýardam eder.

***2 bölek. DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak meseleleri boýunça milli mümkinçiligini ýokarlandyrmak.***

Şu komponentiň çäklerinde, milli Durnukly Ösüş Maksatlaryny ýerli ýagdaýlara we ileri tutulýan ugurlara uýgunlaşdyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň synag geçirilýän sebitlerinde (welaýatlarynda) DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak işine hemmetaraplaýyn goldaw bermek göz öňünde tutulýar.

Birinji tapgyrda merkezi we ýerli ýerine ýetiriji edaralar sebitleriň mümkinçiligini, olaryň ileri tutulýan ugurlaryny we ýerlerde bar bolan institusional goldawy hasaba almak bilen, olarda DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak işine başlap boljak synag geçirilmeli 2-3 sebiti saýlap almaly bolarlar. Soňra Türkmenistanyň synag geçirmek üçin saýlanyp alnan sebitleriniň binýatlyk durmuş-ykdysady binýadyna baha bermek geçiriler, bu DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak işine başlamak üçin möhüm ädim bolmak bilen, ýerli derejede bar bolan şertleri, zerurlyklary we ösüşiň ileri tutulýan ugurlaryny ýüze çykarmaga, ilatyň ynjyk toparlaryny kesgitlemäge, şeýle hem soňundan öňegidişlige gözegçilik etmek we milli maksatlary sebitleýin ýagdaýa uýgunlaşdyrmak üçin başlangyç nokady bellemäge mümkinçilik berer. Şeýle hem ýerli syýasatlaryň we maksatnamalaryň çäklerinde DÖM-ny ornaşdyrmagyň, gözegçilik etmegiň we baha bermegiň mehanizmi boýunça amaly maslahatlar işlenip taýýarlanar.

Şunuň bilen ugurdaş maglumat-düşündiriş işleri başlanar we ýerli ýerine ýetiriji edaralary, akademiki topary, hökümetiňki däl guramalary, telekeçiligi goşmak bilen, ähli steýkholderleriň habarlylygyny we gatnaşmaklaryny ýokarlandyrmak üçin giriş seminarlary guralar. Goýlan wezipäni çözmek üçin, sebitleriň ileri tutulýan ugurlaryny DÖM bilen deňeşdirip görmek, esasy meýilleri ýüze çykarmak, şeýle hem ähli gyzyklanýan taraplaryň gatnaşmagynda mümkin bolan çözgütleri işläp taýýarlamak maksady bilen, BMGÖM-nyň öňdebaryjy tejribesi peýdalanylar. Şeýle hem bu durnukly ösüş ulgamynda başlangyçlary bilelikde durmuşa geçirmek üçin ýerli ýerine ýetiriji edaralar, hususy bölek, ylmy toparlar we raýat jemgyýetiniň institutlary bilen sektorara özara hereketi ýola goýmaga ýardam eder.

DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak meseleleri boýunça ýerli ýerine ýetiriji edaralaryň baş çykaryjylygyny ýokarlandyrmaga esasy üns berler. Olara DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak boýunça işlenip taýýarlanan usulyýeti ornaşdyrmak boýunça iş ýüzünde tehniki goldaw berler. Olaryň mümkinçiligini ýokarlandyrmak maksady bilen, ýerli derejede DÖM-ny ornaşdyrmak, durnukly strategik meýilleşdirmegi ösdürmek, şeýle hem Durnukly Ösüş Maksatlaryny gazanmakda öňegidişlige gowy hilli gözegçilik etmek we baha bermek ukyplaryny pugtalandyrmak meseleleri boýunça okuwlar guralar. Bu ýerli we sebitleýin başlangyçlaryň çäklerinde DÖM-ny has netijeli durmuşa geçirmek üçin şertleri döreder.

Synag geçirilýän sebitde DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmagyň netijeleriniň biri hem Ýerli Meýletin Synyny işläp taýýarlamak bolar. Bu Syny ýurduň DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmaga çemeleşmesini görkezer, şeýle hem ýerli derejede DÖM-ny ornaşdyrmak boýunça usulyýetiň ulanylmagy möhüm mysal bolar. Ol gündelik ýagdaýa seljerme geçirmek, sebitiň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemek we hereketleriň strategiýasyny işläp taýýarlamak ýaly esasy ädimleriň beýanyny öz içine alar, şeýle hem üstünlikli tejribeleri we ýüze çykarylan wehimleri belläp geçer. Syn durnukly ösüşiň milli strategiýasynyň ýerli derejä uýgunlaşdyrylýandygyny we durmuşa

geçirilýändigini görkezmek üçin gural bolup, gyzyklanýan taraplaryň arasynda aýdyňlygy, hasabatylygy we netijeli özara hereketi üpjün eder.

## III. NETIJELER WE HYZMATDAŞLYK

<u>**1 netije:**</u> Durnukly Ösüş Maksatlaryny gazanmak üçin Türkmenistanyň üçünji Meýletin Milli Synyny taýýarlamagyň çäginde ösüşi maliýeleşdirmek başlangyçlaryny durmuşa geçirmekde ýardam berildi.

**1.1. iş.** *Türkmenistanda Durnukly Ösüş Maksatlaryny gazanmak boýunça üçünji Meýletin Milli Synyna goşmak üçin ileri tutulýan DÖM-ny parhlandyrmak (identifikasýa etmek) maksady bilen, merkezi we ýerli derejede maslahatlary guramak.*

Ýurt üçin has derwaýys Durnukly Ösüş Maksatlaryny (DÖM) ýüze çykarmak maksady bilen, Türkmenistanyň sebitlerinde maslahatlaryň geçirilmegine tehniki we usulyýet goldawy berler. Şu işiň çäklerinde seminarlary, tegelek stollary guramak, şeýle hem BMGÖM-nyň ýörite usullaryny ulanmak meýilleşdirilýär, bu bolsa DÖM-nyň üstünden ýerli ösüşiň baglanyşykly ýagdaýlaryna çuň düşünmäge, şeýle hem has ýiti meseleleri we olary çözmegiň mümkin bolan ýollaryny ýüze çykarmaga mümkinçilik berer.

**1.2. iş.** *Türkmenistanda Durnukly Ösüş Maksatlaryny gazanmak boýunça üçünji Meýletin Milli Synyň taslamasyny işläp taýýarlamak.*

Türkmenistanda Durnukly Ösüş Maksatlaryny gazanmak boýunça üçünji Meýletin Milli Synyň taslamasyny işläp taýýarlamak üçin halkara, şeýle hem ýerli bilermenleri çekmäge ýardam berler.

**1.3. iş.***2022-nji ýylda geçirilen Ösüşi maliýeleşdirmäge baha bermegi derwaýyslaşdyrmak.*

Türkmenistan üçin maliýeleşdirmegiň elýeter çeşmeleriniň gurluşyna has çuň we toplumlaýyn seljerme geçirmek maksady bilen 2022-nji ýylda geçirilen Ösüşi maliýeleşdirmäge baha bermegi derwaýyslaşdyrmak üçin zerur bilermenleriň çekilmegine ýardam ediler. Bu ýurtda Maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn milli mehanizmini doly derejede işe girizmäge we durmuşa geçirmäge has netijeli taýýarlanmaga kömek eder, bu bolsa uzak möhletli durnuklylygy we Durnukly Ösüş Maksatlarynyň üstünlikli gazanylmagyny üpjün eder.

**1.4. iş.** *Hasabatyň gutarnykly görnüşini işläp taýýarlamak maksady bilen, üçünji Meýletin Milli Synyň taslamasyny dürli tematik toparlaryň arasynda ara alyp maslahatlaşmalary guramaga we geçirmäge goldaw bermek.*

Bu işiň çäklerinde tematiki çekişmelere gatnaşmak üçin ýerli bilermenleri we gyzyklanýan taraplary çekmäge işjeň ýardam etmek üpjün ediler. Dürli toparlar, şol sanda döwlet edaralarynyň, ylmy bileleşigiň, raýat jemgyýetiniň, hususy bölegiň we beýleki möhüm gatnaşyjylaryň wekilleri bilen ulgamlaýyn we aýdyň iş guralar. Esasy wezipe hemmetaraplaýyn ara alyp maslahatlaşmak, pikir alyşmak we milli aýratynlyklary hasaba almak üçin şertleri döretmek bolup durýar, bu bolsa üçünji Meýletin Milli Synyň esaslandyrylan, ylalaşylan we gowy hilli jemlenen görnüşini emele getirmäge mümkinçilik berer.

**1.5. iş.** *Türkmenistanda hususy bölegiň düzgünleşdiriş-institusional binýadyna seljerme geçirmek we Maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn milli mehanizminiň çäklerinde hususy bölegi maliýeleşdirmegiň üstünlikli halkara tejribelerini ulanmak boýunça maslahatlary işläp taýýarlamak.*

Türkmenistanda hususy bölege goldaw bermek boýunça bar bolan düzgünleşdiriş-institusional binýada seljerme geçiriler, şeýle hem telekeçiligi alyp barmagyň şertlerini gowulandyrmak we milli ileri tutulýan ugurlara laýyklykda hususy bölegiň ösüşini höweslendirmek üçin maslahatlar işlenip taýýarlanar.

**1.6. iş.** *Merkezi we ýerli derejäniň döwlet gullukçylarynyň DÖM-ny maliýeleşdirmegiň gurallaryny ulanmak boýunça endiklerini we seljeriş mümkinçiligini ýokarlandyrmak.*

Merkezi we ýerli derejeleriň döwlet gullukçylarynyň wekilleri üçin öwrediji treningleri we seminarlary guramak üçin BMGÖM-nyň maliýe haby tarapyndan bilermeni çekmekde ýardam ediler, bu çäreler DÖM-ny gazanmak üçin garyşyk maliýeleşdirmek, kepillik bermek, ýaşyl maliýeleşdirmek, ýaşyl obligasiýalary çykarmak ýaly gurallaryny peýdalanmak endiklerini ösdürmäge gönükdirilendir.

<u>2 netije:</u> **DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak meseleleri boýunça milli mümkinçiligi ýokarlandyrmak.**

**2.1 iş.** *Türkmenistanyň synag geçirmek üçin saýlanyp alnan sebitlerinde ösüşiň gün tertibine binýatlyk durmuş-ykdysady baha bermegi geçirmek.*

DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak maksady bilen synag geçirmek üçin seçilip alnan sebitleriň binýatlyk durmuş-ykdysady ýagdaýyna barlag geçirmäge bilermenlik we seljeriş goldawy berler. Şu maksat bilen sebitleýin ösüş boýunça milli bilermenleri çekmek meýilleşdirilýär, olar geçirilen barlaglaryň esasynda sebitleriň güýçli we gowşak taraplaryny, DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmagyň barşynda aýratyn üns berilmegini talap edýän derwaýys wehimleri, esasy meýilleri we möhüm ýetmezçilikleri ýüze çykararlar. Alnan netijeler DÖM-ny sebitiň ýagdaýyna uýgunlaşdyrmak we ösüşiň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemek üçin esas bolar.

**2.2 iş.** *DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak meseleleri boýunça ýerli ýerine ýetiriji edaralaryň baş çykaryjylygyny ýokarlandyrmak.*

DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak boýunça işlenip taýýarlanan Usulyýeti iş ýüzünde tapgyrlaýyn ornaşdyrmak boýunça bilermenlik we usulyýet goldawy berler. Olaryň mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak üçin ýerli derejede DÖM-ny ornaşdyrmak meselelerine, durnukly strategik meýilleşdirmegi ösdürmäge, şeýle hem gowy hilli gözegçilik etmek we gazanylan öňegidişlige baha bermek endiklerini kämilleşdirmäge bagyşlanar.

**2.3 iş.** *DÖM-ny* ýerli *derejede ornaşdyrmagyň netijeleriniň esasynda synag geçirilýän sebitleriň biriniň Ýerli Meýletin Syny işlenip taýýarlanar.*

Ýerli Meýletin Syny (ÝMS) işläp taýýarlamaga halkara we milli bilermenleri çekmekde ýardam berler. Syn synag geçirilýän sebitlerde Durnukly Ösüş Maksatlaryny (DÖM) ýerli derejede ornaşdyrmak işiniň çäklerinde gazanylan deslapky netijeleri görkezer. ÝMS-da ýerli derejede ornaşdyrmagyň barşynda toplanan üstünlikli tejribelere, şeýle hem sebit derejesinde durnukly ösüşe päsgel berýän wehimlere we ýetmezçiliklere aýratyn üns berler. Bilermenleriň çekilmegi seljermeleriň ýokary hilini

üpjün eder, maslahatlaryň esaslandyrylyşyny ýokarlandyrar we DÖM-ny mundan beýlägem ilerletmekde sebitiň mümkinçiligini güýçlendirer.

***Garaşylýan netijeleri gazanmak üçin zerur bolan serişdeler***

Taslamanyň netijelerini gazanmak üçin zerur bolan esasy serişdeler taslamanyň utgaşdyryjysyndan we taslamanyň kömekçisinden durýan taslama topary üçin harajatlardan ybarat bolar. Mundan başga-da, taslama bilen işlemäge halkara, milli bilermenler we maslahatçylar çekiler, olar seljeriş we tehniki taýdan goldaw bererler. Taslamanyň gymmaty administratiw çykdajylary, iş sapar çykdajylaryny, duşuşyklary we seminarlary geçirmek, şeýle hem makalalary çap etmek üçin çykdajylary öz içine alar.

Taslama boýunça iş meýilnamasy başlangyç tapgyrda maliýe serişdelerini degişli görnüşde paýlamak bilen işlenip taýýarlanar we Taslamanyň utgaşdyryjy geňeşiniň birinji mejlisine hödürlener. Taslamany durmuşa geçirmegiň barşynda taslama çäreleriniň netijeliligi beýleki taslamalar we başlangyçlar bilen özara hereket etmegiň, işi netijeli utgaşdyrmagyň we bilelikde meýilleşdirmegiň, gyzyklanýan taraplaryň işjeň gatnaşmagynyň hasabyna üpjün ediler.

***Hyzmatdaşlyk.***

Taslamany durmuşa geçirmekde esasy hyzmatdaşlar Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi we BMG-niň Ösüş maksatnamasy bolup durýar.

Taslamany durmuşa geçirmegiň barşynda BMGÖM we Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi we ýurduň beýleki pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen ýakyn hyzmatdaşlyk ederler. Şunuň bilen birlikde, taslamanyň işi BMG-niň beýleki agentlikleriniň we halkara guramalarynyň, şol sanda öz işlerini Durnukly Ösüş Maksatlaryny gazanmak maksady bilen amala aşyrýan halkara maliýe edaralarynyň işi bilen utgaşdyrylar.

***Töwekgelçilikler we ýol bermeler.***

Şu taslamanyň strategiýasy we hereketler meýilnamasy şu ýol bermelere esaslanýar:

***Garaşmalar:***

- Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň we beýleki çekilen ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň Taslamany durmuşa geçirmäge meýilliligi.
- Taslama amala aşyrylýan wagtynda çekilen ähli taraplaryň işiniň netijeli utgaşdyrylmagy.

**TÖWEKGELÇILIKLER:**

Şu Taslamanyň maksatlaryny gazanmaga päsgel berip biljek töwekgelçilikleriň arasynda has düýplileri şular bolup durýar:

- Ýerli bazarda hünär derejeli tehniki we beýleki hünärmenleriň ýetmezçiligi we milli işgärleri taýýarlamagyň ýeterlik bolmadyk depginleri.
- Taslamany durmuşa geçirmek üçin serişdeleriň öz wagtynda üpjün edilmeginiň milli hyzmatdaş tarapyndan kepillendirilmegi.
- Milli hyzmatdaşlaryň taslamany durmuşa geçirmäge we çözgütleri kabul etmäge ýeterlik derejede çekilmezligi.

- Merkezi we ýerli derejelerdäki döwlet edaralarynyň hünärmenleriniň arasynda, şeýle hem giň jemgyýetçiligiň arasynda Durnukly Ösüş Maksatlary (DÖM) barada habarlylygyň pes derejesi.

***Gyzyklanýan hyzmatdaşlar bilen özara hereket etmek.***

Maksatlaýyn toparlar:

- DÖM boýunça pudagara iş toparynyň agzalary, şeýle hem BMG bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň DÖM-ny maliýeleşdirmek meseleleri boýunça bilelikdäki bilermenler toparynyň agzalary DÖM-ny ornaşdyrmak we ösüşi maliýeleşdirmek, şeýle hem meýilleşdirilen çäreleriň maglumat üpjünçiligi meseleleri boýunça seminarlara, treninglere gatnaşarlar.

***Sanly çözgütler.*** Türkmenistanda Durnukly Ösüş Maksatlaryny (DÖM) durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly maglumatlary utgaşdyrmagyň, ýygnamagyň, seljermegiň we bermegiň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin Taslama sanly tehnologiýalary we çözgütleri peýdalanar. Geçen tapgyrlaryň dowamy hökmünde dördünji tapgyr üçünji Meýletin Milli Synyny (MMS) taýýarlanylanda, DÖM-ny gazanmak üçin Maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn milli mehanizmini işläp taýýarlamakda Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine goldaw bermek, şeýle hem DÖM-ny milli we ýerli derejelerde ornaşdyrmak boýunça mümkinçiligi güýçlendirmek üçin innowasion sanly gurallaryň peýdalanylmagyny göz öňünde tutýar. Geçen tapgyrlaryň möhüm netijeleriniň arasynda DÖM boýunça hasabatlylygyň milli platformasynyň döredilendigini belläp bolar, ol Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetinde hereket edýär. Platforma DÖM-nyň görkezijilerine hereketde gözegçilik edilmegini üpjün edýär. Şu tapgyryň çäklerinde sanly amatlyklary mundan beýlägem ösdürmek, maglumatlaryň elýeterliligini giňeltmek we çözgütleriň maglumatlaryň esasynda kabul edilmegini goldaw bermek üçin gyzyklanýan taraplaryň sanly sowatlylygyny ýokarlandyrmak meýilleşdirilýär.

## IV. TASLAMANY DOLANDYRMAK

Taslama BMGÖM-nyň göni ýerine ýetirmek modeli (DIM) boýunça amala aşyrylar, şunda Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi milli hyzmatdaş-benefisiar bolar. DIM modeli döwlet býujetiniň ölçegleriniň çäklerinde býujetiň meýilleşdirilişini we düzülişini gowulandyrýar. Taslama boýunça Taslama geňeşi döredilер, ol taslama umumy strategik ýolbaşçylyk etmek we taslamanyň meýilnama we býujete laýyklykda ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen görkezme beriji (direktiw) gözegçiligi amala aşyrmak üçin jogapkär bolar.

DIM talabyna laýyklykda, taslama üçin jogapkärçilik, 1993-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda BMGÖM we Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan gol çekilen, Kömek bermek hakynda binýatlyk standart ylalaşykda görkezilişi ýaly, BMGÖM-nyň üstüne ýüklenýär.

BMGÖM Taslamanyň umumy býujetine gözegçiligi amala aşyrar we ony dolandyrar, taslamanyň ýerine ýetirilişine gözegçilik eder we öz wagtynda donora hasabat berilmegi üçin jogapkärçilik çeker. Mundan başga-da, BMGÖM ýurtda durmuşa geçirilýän beýleki başlangyçlar we guramalar bilen işleri utgaşdyrar we aragatnaşyklary ýola goýar.

BMGÖM-nyň taslama boýunça işiň hilini kepillendirmegi şulary üpjün edýär: taslamany durmuşa geçirmek üçin serişdeleriň elýeterliligini; taslamanyň bellenen netijelere tarap öňe gitmegini;

BMGÖM-nyň taslama boýunça işiň hilini kepillendirmegi şulary üpjün edýär: taslamany durmuşa geçirmek üçin serişdeleriň elýeterliligini; taslamanyň bellenen netijelere tarap öňe gitmegini; gözegçilik we kepilligi üpjün etmek boýunça yzygiderli çäreleriň geçirilmegini; BMGÖM-na ynanylan serişdeleriň ygtybarly ulanylmagyny; taslama boýunça örän möhüm maglumatlara Quantum ulgamynda gözegçilik etmegi we täzelemegi; maliýe hasabatlarynyň öz wagtynda berilmegini we her çärýekde taslamanyň ýerine ýetirilişi barada jemlenen hasabatlaryň Taslama geňeşine berilmegini, töwekgelçilikleri degişli görnüşde dolandyrmagy we Quantum ulgamynda töwekgelçilikleriň hasaby alynýan žurnalyny yzygiderli täzelemegi, işiň hilini üpjün etmek düzgünlerini işläp taýýarlamak üçin hökümetden alnan hasabatlara seretmegi we peýdalanmagy, dessin maliýe we maksatnamalaýyn jähtlere yzygiderli gözegçiligi alyp barmagy.

# NETIJELERIŇ GURLUŞ DÜZÜMI

**Durnukly ösüş ulgamynda hyzmatdaşlygyň Çarçuwaly Maksatnamasynyň kesgitlemesinde garaşylýan jemleýji netije №1:** 2030-njy ýyla çenli Türkmenistanyň halky döwlet dolandyryşyny gowulandyrmak we DÖM-ň gazanylmagyny üpjün etmek üçin adam hukuklary baradaky borçnamalara, kanunyň hökmürowanlygyna we gender deňlige esaslanyp, maliýe mümkinçiliklerini güýçlendirmek arkaly jogapkärçilikli dolandyryşa eýe bolar.

**Ýurt maksatnamasynyň netijeleriniň we serişdeleriniň gurluş düzüminde görkezilişi ýaly, jemleýji netijeleriň görkezijileri, başlangyç derejäni we maksatlaýyn görkezijileri goşmak bilen:**

1.3 görkeziji. Milli DÖM gün tertibini goldaýan subutnamalara we hukuklara esaslanýan syýasatlar işlenip düzüldi we durmuşa geçirildi, ýeterlik býudjet serişdeleri bilen goldanyldy, bölünmedik maglumatlaryň kömegi bilen durmuşa geçirildi we gözegçilik edildi (DÖM - 5, 8, 10, 11, 16, 17).

*Görkeziji* 1.3.1: Döwlet / hususy maliýeleşdirmegi Durnukly Ösüş Maksatlary bilen deňleşdirmek üçin goldaýan syýasat çäreleriniň sany.
Çeşme/Ýygylyk: Taslamalar boýunça hasabatlar, milli hyzmatdaşlaryň taslamalary. Taslamalar boýunça hasabatlar.
Başlangyç dereje (2025): 3; Maksatlaýyn görkeziji (2030): 6.

**BMGÖM-nyň Strategik meýilnamasynyň ulanarlykly jemleýji netijesi:** Netije.Gurluş özgerişligi, esasanam ýaşyl, öz içine alyjy we sanly geçiş ugurlarynda çaltlaşdyryldy.

**Taslamanyň ady we Quantum ulgamynda taslamanyň belgisi:** «Durnukly Ösüş Maksatlaryny durmuşa ornaşdyrmak üçin meýdança, IV tapgyr»

| GARAŞYLÝAN NETIJELER | NETIJE GÖRKEZIJILERI | MAGLUMAT ÇEŞMESI | Başlangyç dereje 2025 ý. | Maksatlar | | | Maglumatlary ýygnamagyň usullary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | 1 ýyl | 2 ýyl | Ahyrky maksat | |
| **1 netije:** Durnukly Ösüş Maksatlaryny gazanmak üçin Türkmenistanyň üçünji Meýletin Milli Synyny taýýarlamagyň çäginde ösüşi maliýeleşdirmek başlangyçlaryny durmuşa geçirmekde ýardam berildi. | ***1.1. görkeziji.*** *Türkmenistanda DÖM-ny gazanmak boýunça üçünji Meýletin Milli Syna goşmak üçin has ileri tutulýan Durnukly Ösüş Maksatlaryny parhlandyrmak maksady bilen, merkezi we ýerli derejelerde guralan maslahatlara gatnaşan hünärmenleriň sany (erkekler we aýallar).* | Taslama barada hasabat | Ýok | 25 | | 25 | Maslahatçynyň hasabaty |
| | ***1.2. görkeziji.*** *Türkmenistanda Durnukly Ösüş Maksatlaryny gazanmak boýunça üçünji Meýletin Milli Synyň taslamasy işlenip taýýarlandy.* | Taslama barada hasabat | Ýok | | Hawa | Hawa | Maslahatçynyň hasabaty |
| | ***1.3. görkeziji.*** *2022-nji ýylda geçirilen Ösüşi maliýeleşdirmäge baha bermek derwaýyslaşdyryldy.* | Taslama barada hasabat | Ýok | Hawa | | Hawa | Maslahatçynyň hasabaty |

| GARAŞYLÝAN NETIJELER | NETIJE GÖRKEZIJILERI | MAGLUMAT ÇEŞMESI | Başlangyç dereje 2025 ý. | Maksatlar | | | Maglumatlary ýygnamagyň usullary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | 1 ýyl | 2 ýyl | Ahyrky maksat | |
| | ***1.4. görkeziji.*** *Esasy tematiki toparlaryň we ýerli bilermenleriň gatnaşmagynda üçünji Meýletin Milli Synyň taslamasyny ara alyp maslahatlaşmak geçirildi, bu konstruktiw bellikleriň we teklipleriň ýygnalmagyny üpjün etdi.* | Taslama barada hasabat | Ýok | | Hawa | Hawa | Maslahatçynyň hasabaty |
| | ***1.5. görkeziji*** *Türkmenistanda hususy bölegiň düzgünleşdiriş-institusional binýadyna seljerme geçirildi we Maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn milli mehanizminiň çäklerinde hususy bölegi maliýeleşdirmegiň üstünlikli halkara tejribelerini ulanmak boýunça maslahatlar işlenip taýýarlandy.* | Taslama barada hasabat | Ýok | | Hawa | Hawa | Maslahatçynyň hasabaty |
| | ***1.6. görkeziji.*** *DÖM-ny maliýeleşdirmegiň gurallaryny ulanmak boýunça okuw geçen merkezi we ýerli derejäniň döwlet gullukçylarynyň sany (erkekler we aýallar).* | Taslama barada hasabat | 0 | | 20 | 20 | Taslamanyň hasabatlary |
| ***2 netije:***<br>*DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak meseleleri boýunça milli mümkinçilik ýokarlandyryldy.* | ***2.1 görkeziji.*** *Türkmenistanyň synag geçirmek üçin saýlanyp alnan sebitlerinde ösüşiň gün tertibine binýatlyk durmuş-ykdysady baha bermek geçirildi.* | Taslama barada hasabat | Ýok | | Hawa | Hawa | Maslahatçynyň hasabaty |
| | ***2.2 görkeziji.*** *DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak meseleleri boýunça ýerli ýerine ýetiriji edaralaryň baş çykaryjylygy ýokarlandyryldy.* | Taslama barada hasabat | 0 | | 20 | 20 | Taslamanyň hasabatlary |
| | ***2.3 görkeziji.*** *DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmagyň netijeleriniň esasynda synag geçirilýän sebitleriň biriniň Ýerli Meýletin Syny işlenip taýýarlandy.* | Taslama barada hasabat | Ýok | | Hawa | Hawa | Maslahatçynyň hasabaty |

## GÖZEGÇILIK WE BAHA BERMEK

BMGÖM-nyň kadalaryna we düzgünlerine laýyklykda, taslamanyň durmuşa geçirilişine gözegçilik geçirmegiň we baha bermegiň aşakdaky meýilnamalaryna laýyklykda gözegçilik ediler:

GÖZEGÇILIK MEÝILNAMASY

| Gözegçilik etmek boýunça iş | Maksat | Ýygylygy | Garaşylýan hereketler |
|---|---|---|---|
| **Netijeleriň gazanylyşyna gözegçilik etmek** | Işleriň barşy baradaky maglumatlar netije görkezijileri bilen deňeşdirilip, Netijeler we serişdeler matrisasynda ýygnalar we ylalaşylan wezipeleriň ýerine ýetirilişi nukdaýnazaryndan taslamanyň durmuşa geçirilişine baha bermek üçin seljeriler. | Her çärýekde ýa-da her bir görkeziji üçin zerur bolan döwürleýinlik bilen | Meýilleşdirilen möhletler bilen deňeşdirilende durmuşa geçirmek has haýal barýan wagtynda bu meseläni taslamanyň ýolbaşçylygy çözer. |
| **Töwekgelçiliklere gözegçilik etmek we dolandyrmak** | Meýilleşdirilen netijeleriň gazanylmagyna howp salyp biljek anyk töwekgelçilikleri kesgitlemek. Töwekgelçilikler žurnalyny peýdalanmak bilen töwekgelçilikleri dolandyrmak boýunça hereketleri ýüze çykarmak we gözegçilik etmek. Bu BMGÖM-nyň durmuş we ekologiýa standartlaryna laýyklykda gerek bolup biljek gözegçilik çärelerini we meýilnamalaryny öz içine alýar. Audit BMGÖM-nyň maliýe töwekgelçiliklerini dolandyrmak üçin audit syýasatyna laýyklykda geçiriler. | Her çärýekde | Töwekgelçilikler taslamanyň ýolbaşçylygy tarapyndan kesgitlenýär we töwekgelçilikleri dolandyrmak üçin çäreler görülýär. Ýüze çykarylan töwekgelçiliklere we görlen çärelere gözegçilik etmek üçin töwekgelçilikler žurnaly yzygiderli alnyp barylýar. |
| **Öwrenmek** | Bilimler, öňdebaryjy tejribe we alnan sapaklar yzygiderli tertipde ýygnalar, şeýle hem beýleki taslamalardan we beýleki hyzmatdaşlardan işjeň alnar we taslama goşular. | Iň bolmanda her ýylda | Degişli sapaklar taslamanyň topary tarapyndan alynýar we dolandyryş çözgütlerini kabul etmek üçin peýdalanylýar. |
| **Taslamanyň hilini her ýyl üpjün etmek** | Taslamanyň güýçli we gowşak taraplaryny ýüze çykarmak üçin we taslamanyň hilini gowulandyrmak üçin dolandyryş çözgütlerini kabul etmek maksady bilen, BMGÖM-nyň hil standartlaryna laýyklykda taslamanyň hiline baha berler. | Her ýyl | Taslamanyň güýçli we gowşak taraplary taslamanyň ýolbaşçylygy tarapyndan seljeriler we taslamanyň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen çözgütleri esaslandyrmak üçin peýdalanylar. |

| | | | |
|---|---|---|---|
| **Işiň ugurlaryna gaýtadan seretmek we olara düzediş girizmek** | Çözgütleri kabul etmek üçin gözegçilik çäreleriniň jemleri boýunça maglumatlara we hakyky habarlara içki seljeriş geçirmek. | Iň bolmanda her ýylda | Netijelilik, töwekgelçilikler, alnan sapaklar we hil baradaky maglumatlar Taslama geňeşi tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylar we taslama işiniň ugurlaryna düzediş girizmek üçin peýdalanylar. |
| **Taslama boýunça hasabat** | Işleriň barşy barada hasabat Taslama Geňeşine we esasy gyzyklanýan taraplara berler. Hasabat taslamanyň ýerine ýetirilişi barada maglumatlardan durýar, bu maglumatlar wezipeleriň derejesinde öňünden kesgitlenen ýyllyk maksatlar bilen deňeşdirilende gazanylan netijeleri görkezýän maglumatlardan, taslamanyň hiliniň reýtinginiň ýyllyk maglumatyndan, netijelerini ýeňilleşdirmek boýunça çäreler bilen töwekgelçilikleriň täzelenen žurnalynyň we baha bermek ýa-da seljermek boýunça hasabat döwründe taýýarlanan islendik hasabatlaryň maglumatlaryndan durýar. | Her ýylda we taslamanyň ahyrynda (jemleýji hasabat) | Taslamanyň ýerine ýetirmegiň barşy, üstünlikler, netijeler barada hasabat, maliýe hasabaty we ony mundan beýläk hem ösdürmek boýunça maslahatlar Taslama geňeşi tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylar we işiň nobatdaky döwrüniň taslama resminamasyny işläp taýýarlamak üçin peýdalanylar (zerur bolanda). |
| **Taslama syn bermek (Taslama geňeşi)** | Taslamany dolandyryş mehanizmi (ýagny Taslama geňeşi) taslamanyň netijeliligine baha bermek üçin oňa yzygiderli tertipde gözegçilik geçirer we taslamanyň durmuşa geçirilýän döwrüniň bütin dowamynda býujetiň hakyky bolmagyny üpjün etmek üçin işiň köp ýyllyk meýilnamasyna gaýtadan sereder.Taslamanyň durmuşa geçirilýän soňky ýylynda Taslama geňeşi alnan sapaklary ýazyp bellemek we taslamanyň netijelerini giňeltmek we umumylaşdyrmak mümkinçiligini ara alyp maslahatlaşmak üçin taslama jemleýji syn bermegi geçirmelidir. | Iň bolmanda her ýylda | Taslama geňeşi hile degişli islendik meseleleri ýa-da işleriň barşynyň garaşylanyndan haýal barýandygyny ara alyp maslahatlaşmalydyr we ýolbaşçylygyň hereketleri ýüze çykarylan meseleleri çözmek üçin ylalaşylmalydyr. |

# KÖPÝYLLYK IŞ MEÝILNAMASY

**ÝYL: 2026**

| GARAŞYLÝAN NETIJELER | MEÝILLEŞDIRILEN ÇÄRELER | MÖHLETLER | | | | Meýilleşdirilen býujet | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 1çär | 2çär | 3çär | 4 çär | Jogapkär agentlik | Maliýeleşdiriş çeşmesi | Býujetiň beýany | Pul möçberi (amerikan dollarynda) |
| **1 netije:** Durnukly Ösüş Maksatlaryny gazanmak üçin Türkmenistanyň üçünji Meýletin Milli Synyny taýýarlamagyň çäginde ösüşi maliýeleşdirmek başlangyçlaryny durmuşa geçirmekde ýardam berildi. | 1.1. Türkmenistanda Durnukly Ösüş Maksatlaryny gazanmak boýunça üçünji Meýletin Milli Synyna goşmak üçin ileri tutulýan DÖM-ny parhlandyrmak maksady bilen, merkezi we ýerli derejede maslahatlary guramak | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 71400 DÖM boýunça milli bilermen (1 bilermen 70 gün) | 7,000 |
| | | | | | | | | 75700 Seminar, trening (20 adam x 1 gün) | 420 |
| | 1.2. Türkmenistanda Durnukly Ösüş Maksatlaryny gazanmak boýunça üçünji Meýletin Milli Synyň taslamasyny işläp taýýarlamak | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 71200 Halkara bilermeni (1 bilermen x 20 gün) | 12,000 |
| | | | | | | | | 71600 Ulag çykdajylary (1 bilermen x 1 gatnaw x 5 gün) | 2,731 |
| | | | | | | | | 71300 Milli bilermen (1 bilermen x 70 gün) | 7,000 |
| | | | | | | | | 75700 Seminar, trening (20 adam x 2 gün) | 431.4 |
| | 1.3. Ösüşi maliýeleşdirmäge baha bermegi derwaýyslaşdyrmak | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 71200 Halkara bilermeni (1 bilermen x 15 gün) | 9,000 |
| | | | | | | | | 71300 Milli bilermen (1 bilermen x 30 gün) | 3,000 |
| | | | | | | | | 74200 Terjime hyzmatlary | 1,100 |
| | | | | | | | | 74200 Çap etmek | 2,500 |
| | | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 74500 Amal çykdajylary | 1,336.2 |
| | **1 jemi netije boýunça aralyk jemi** | | | | | | | | 46,518.6 |
| | **UDG (Umumy dolandyryş goldawy) 7%** | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 UDG | 3,256.3 |
| | ***1 jemi netije boýunça hemmesi, 7% UDG goşmak bilen*** | | | | | | | | 49,774.9 |

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **<u>2 netije:</u>** **DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak meseleleri boýunça milli mümkinçilik ýokarlandyryldy** | 2.1. Türkmenistanyň synag geçirmek üçin saýlanyp alnan sebitlerinde ösüşiň gün tertibine binýatlyk durmuş-ykdysady baha bermegi geçirmek | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 71300 Milli bilermen (1 bilermen x 50 gün) | 5,000 |
| | 2.2. DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak meseleleri boýunça ýerli ýerine ýetiriji edaralaryň baş çykaryjylygyny ýokarlandyrmak | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 71600 Ulag çykdajylary (2 adam x 5 gatnaw, 5 welaýat x 2 gün) | 4,777 |
| | | | | | | | | 75700 Seminar, trening (5 seminar 15 adam/1 gün) | 1,590 |
| | | | | | | | | 74500 Amal çykdajylary | 283 |
| | **2 jemi netije boýunça aralyk jem** | | | | | | | | 11,650.0 |
| | **UDG (Umumy dolandyryş goldawy) 7%** | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 UDG | 815,5 |
| | ***2 jemi netije boýunça hemmesi, 7% UDG goşmak bilen*** | | | | | | | | 12,465,5 |
| TASLAMANY DOLANDYRMAK | Taslamanyň işgärleriniň zähmet haky | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 71400 Zähmet haky (Taslamanyň menejeri) | 18,332 |
| | | | | | | | BMGÖM | 71400 Zähmet haky (Taslamanyň menejeri) | 10,000 |
| | | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 71400 Zähmet haky (Taslamanyň assistenti, 35% 12 aý) | 6,300 |
| | Edarany saklamak boýunça çykdajylar | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 72500 Edara degişli zatlar | 350 |
| | | | | | | | | 72400 Aragatnaşyk we internet | 1,056 |
| | | | | | | | | 74500 Amal çykdajylary | 770 |
| | Taslamany dolandyrmak boýunça aralyk jemi Türkmenistanyň Hökümeti | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | | 26,808.0 |
| | UDG (Umumy dolandyryş goldawy) 7% | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 UDG | 1,876.6 |
| | **Taslamany dolandyrmak boýunça jemi (Türkmenistanyň Hökümeti, UDG-ny goşmak bilen)** | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | | 28,684.6 |
| | Taslamany dolandyrmak boýunça aralyk jem BMGÖM | | | | | | BMGÖM | | 10,000 |
| **2026ý. TASLAMA BOÝUNÇA JEMI Türkmenistanyň Hökümeti** | | | | | | | | | 84,976.6 |
| **Jemi dolandyryş çykdajylary (Umumy dolandyryş goldawy), 7%:** | | | | | | | | | 5,948,4 |
| **TASLAMA BOÝUNÇA JEMI (Türkmenistanyň Hökümeti, dolandyryş çykdajylaryny goşmak bilen):** | | | | | | | | | 90,925 |

ÝYL: 2027

| GARAŞYLÝAN NETIJELER | MEÝILLEŞDIRILEN ÇÄRELER | MÖHLETLER | | | | Meýilleşdirilen býujet | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 1çär | 2çär | 3çär | 4 çär | Jogapkär agentlik | Maliýeleşdiriş çeşmesi | Býujetiň beýany | Pul möçberi (amerikan dollarynda) |
| **1 netije: Durnukly Ösüş Maksatlaryny gazanmak üçin Türkmenistanyň üçünji Meýletin Milli Synyny taýýarlamagyň çäginde ösüşi maliýeleşdirmek başlangyçlaryny durmuşa geçirmekde ýardam berildi.** | 1.4. Hasabatyň gutarnykly görnüşini işläp taýýarlamak maksady bilen, üçünji Meýletin Milli Synyň taslamasyny dürli tematik toparlaryň arasynda ara alyp maslahatlaşmalary guramaga we geçirmäge goldaw bermek | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 75700 Seminar, trening (25 adam x 1 gün) | 525 |
| | | | | | | | | 74200 Dizaýn, çap etmek | 3,750 |
| | | | | | | | | 74200 Terjime hyzmatlary | 3,300 |
| | 1.5.Türkmenistanda hususy bölegiň düzgünleşdiriş-institusional binýadyna seljerme geçirmek we Maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn milli mehanizminiň çäklerinde hususy bölegi maliýeleşdirmegiň üstünlikli halkara tejribelerini ulanmak boýunça maslahatlary işläp taýýarlamak | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 71300 Milli bilermen (1 bilermen x 50 gün) | 5,000 |
| | 1.6. Merkezi we ýerli derejäniň döwlet gullukçylarynyň DÖM-ny maliýeleşdirmegiň gurallaryny ulanmak boýunça endiklerini we seljeriş mümkinçiligini ýokarlandyrmak | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 71200 Halkara bilermeni (1 bilermen x 10 gün) | 6,000 |
| | | | | | | | | 71600 Ulag çykdajylary (1 bilermen x 3 gün) | 2,231 |
| | | | | | | | | 75700 Seminar, trening (20 adam x 1 gün) | 553 |
| | | | | | | | | 74500 Amal çykdajylary | 657 |
| | **1 jemi netije boýunça aralyk jem** | | | | | | | | **22,016.5** |
| | **UDG (Umumy dolandyryş goldawy) 7%** | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 UDG | 1,541.2 |
| | ***1 jemi netije boýunça hemmesi, 7% UDG goşmak bilen*** | | | | | | | | **23,557.7** |
| **2 netije** | 2.3. DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmagyň netijeleriniň esasynda | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 71200 Halkara bilermeni (1 bilermen x 15 gün) | 9,000 |

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **DÖM-ny ýerli derejede ornaşdyrmak meseleleri boýunça milli mümkinçilik ýokarlandyryldy** | synag geçirilýän sebitleriň biriniň Ýerli Meýletin Syny işläp taýýarlamak | | | | | | | 71300 Milli bilermen (1 bilermen x 50 gün) | 5,000 |
| | | | | | | | | 71600 Synag geçirilýän welaýatlara ulag çykdajylary (2 adam x 1 gatnaw x 2 gün) | 1,247 |
| | | | | | | | | 75700 Seminar, trening (15 adam x 1 gün) | 330 |
| | | | | | | | | 74200 Terjime hyzmatlary, dizaýn | 6,200 |
| | | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 74500 Amal çykdajylary | 497 |
| | **1 jemi netije boýunça aralyk jem** | | | | | | | | 22, 273.6 |
| | UDG (Umumy dolandyryş goldawy) 7% | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 UDG | 1, 559.2 |
| | ***2 jemi netije boýunça hemmesi, 7% UDG goşmak bilen*** | | | | | | | | **23, 832.8** |
| **TASLAMANY DOLANDYRMAK** | Taslamanyň işgärleriniň zähmet haky | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 71400 Zähmet haky (Taslamanyň menejeri) | 18,332 |
| | | | | | | | BMGÖM | 71400 Zähmet haky (Taslamanyň menejeri) | 10,000 |
| | | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 71400 Zähmet haky (Taslamanyň assistenti,35%) | 6,300 |
| | Edarany saklamak boýunça çykdajylar | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 72500 Edara degişli zatlar | 350 |
| | | | | | | | | 72400 Aragatnaşyk we internet | 1,056 |
| | | | | | | | | 74500 Amal çykdajylary | 770 |
| | Taslamany dolandyrmak boýunça aralyk jem Türkmenistanyň Hökümeti | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | | 26,808.0 |
| | UDG (Umumy dolandyryş goldawy) 7% | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 UDG | 1,876.6 |
| | **Taslamany dolandyrmak boýunça jemi (Türkmenistanyň Hökümeti, UDG-ny goşmak bilen)** | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | | **28,684.6** |
| | Taslamany dolandyrmak boýunça aralyk jemi BMGÖM | | | | | | BMGÖM | | 10,000 |

| | |
|---|---|
| **2027-nji ýylda TASLAMA BOÝUNÇA JEMI, Türkmenistanyň Hökümeti** | ***71,098.1*** |
| **Jemi dolandyryş çykdajylary (Umumy dolandyryş goldawy), 7%:** | ***4,976.9*** |
| **TASLAMA BOÝUNÇA JEMI (Türkmenistanyň Hökümeti, dolandyryş çykdajylaryny goşmak bilen):** | ***76,075.0*** |
| **2026–2027-nji ýyllarda TASLAMA BOÝUNÇA JEMI (Türkmenistanyň Hökümeti)** | ***167,000*** |
| **Jemi** BMGÖM | ***20,000*** |
| **2026–2027-nji ýyllarda TASLAMA BOÝUNÇA JEMI (Türkmenistanyň Hökümeti we BMGÖM )** | ***187,000*** |

## ÝOLBAŞÇYLYK WE DOLANDYRYŞ MEHANIZMLERI

Taslama geňeşi taslama umumy strategik ýolbaşçylyk üçin jogap berer we BMGÖM we taslama resminamalarynda ylalaşylan ulgamlardan kömek taslamasy babatynda strategik çözgütleri kabul eder; maksatnamanyň özüniň möhüm tapgyrlaryna ýetendigini tassyklamak, şeýle hem, eger olar bar bolsa, päsgelçiliklere degişli meseleleri çözmek üçin Ýyllyk iş meýilnamasynda bellenen maksatlara we bellenen tapgyrlara olaryň ýerine ýetirilen görkezijileri babatynda serediler, baha berler we ölçeler.

| Gurluşy | Maksat | Başlyk | Gatnaşyjylar | Wekilçilik derejesi | Ýygylygy |
|---|---|---|---|---|---|
| Taslama geňeşi | Çözgütleri kabul etmek üçin meýdança bolup durýar we Türkmenistanda DÖM-ny ornaşdyrmakda milli mümkinçiligi ýokarlandyrmakda, şeýle hem kadalaşdyryjy, düzgünleşdiriji özgertmeleri geçirmekde we kanunçylygy BSG-nyň kadalaryna laýyk getirmekde Türkmenistanyň Hökümetine kömek bermek boýunça BMGÖM-nyň taslamasynyň Ýolbaşçy komiteti hökmünde hereket edýär | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministri we BMGÖM Hemişelik wekili başlyk bolup durýarlar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi we BMGÖM | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministri we BMGÖM Hemişelik wekili ýa-da BMGÖM Hemişelik wekiliniň orunbasary | Ýylda iki gezek |

### Taslama geňeşi

Taslama resminamasyna gol çekilenden soň taslama görkezme beriji (direktiw) we strategik ýolbaşçylygy üpjün etmek üçin Taslama geňeşi emele getiriler. Bu ýokary derejedäki gözegçilik edarasy bolmak bilen, ol ýurduň ynama mynasyp, ählumumy we aýdyň saýlawlary geçirmäge meýilliginden ugur alar we taslamanyň täze, girizilmegine garaşylýan talaplara laýyk gelmegini üpjün eder we taslamanyň maksatlarynyň gazanylmagyny we taslamany ýerine ýetirmegiň depgininiň degişli derejede saklanmagyny kepillendirýän strategik çözgütleri kabul eder.

### Taslama geňeşiniň borçlary

Taslama geňeşiniň esasy wezipesi taslama resminamasynda kesgitlenen maksatlar, wezipeler we netijeler babatynda taslamanyň dogry ýol bilen gitmegine gözegçilik etmekden, ýyllyk iş meýilnamalaryny we taslamanyň býujetlerini tassyklamakdan, şeýle hem taslamany durmuşa geçirmek boýunça strategik ýolbaşçylygy üpjün etmekden ybaratdyr.

Taslama geňeşi ýokary derejäniň maslahatlaryny berýär, taslama umumy dolandyryş gözegçiligini saklaýar we serişdeleriň jemlenmegi we umumy çykdajylar üçin jogapkärçilik çekýär. Taslama geňeşi taslamanyň gutarnykly çözgütler kabul edilýän gözegçilik edarasy hökmünde çykyş eder. Taslama geňeşiniň ara alyp maslahatlaşmalary taslama topary tarapyndan berlen materiallara esaslanar.

**Çözgütleriň kabul edilişi, bilelikdäki başlyklar we agzalar düzümi**

Taslama geňeşi çözgütleri ylalaşyk esasynda kabul eder we diňe haýsydyr bir agzalalyklaryň ýüze çykan ýagdaýynda meseleler, çözgüdiň sesleriň köplügi bilen kabul edilmegi üçin, Geňeşiň agzalarynyň ara alyp maslahatlaşmagyna hödürlener.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi we BMGÖM-nyň Hemişelik wekili Geňeşiň bilelikdäki başlyklary bolarlar.

Taslama geňeşi ýylda iki gezekden seýrek bolmadyk döwürde çagyrylar. Eger Geňeş tarapyndan çözgüt kabul edilmegine gyssagly zerurlyk ýüze çyksa, ol zerur bolşuna görä, ýörite esasda, şol sanda sanly ulgam düzgüninde, çagyrylyp bilner.

Taslama geňeşiniň agzalar düzümine Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi we BMGÖM-nyň Hemişelik wekili girýärler.

**Taslamany utgaşdyrmak**

Taslama BMGÖM tarapyndan işe kabul edilen Taslamanyň utgaşdyryjysy tarapyndan utgaşdyrylar, ol taslamany durmuşa geçirmegiň barşyna umumy gözegçiligi amala aşyrar. Taslamanyň utgaşdyryjysy dessin dolandyryş çözgütleriniň we taslama boýunça çözgütleriň kabul edilmegi üçin, şeýle hem taslamanyň taslama resminamasynda görkezilen netijeleri bermeginiň üpjün edilişi üçin jogap berer. Şeýle hem Taslamanyň çäklerinde maliýe we amallar bilen bagly wezipeleri ýerine ýetirmekde kömek etmek üçin Taslamanyň assistenti (milli) işe alnar. Umumy strategik we maksatnamalaýyn ýolbaşçylyk BMGÖM-nyň Maksatnama departamentiniň ýolbaşçysy we BMGÖM-nyň programma seljerijisi tarapyndan amala aşyrylar. Maksatnama seljerijisi hili üpjün etmek, donorlara hasabat bermek üçin, şeýle hem BMGÖM-nyň ýurt bölümleriniň ýolbaşçylygyny taslamanyň durmuşa geçirlişi barada habarly etmek we BMGÖM-nyň ýolbaşçylygy bilen taslama degişli meseleleri çözmek üçin BMGÖM-nyň ýurt maksatnamasynyň çäklerinde taslamanyň strategik orun eýelemegi üçin jogap berer.




## HUKUK JÄHTI

Şu taslama resminamasy Türkmenistanyň Hökümeti bilen BMGÖM-nyň arasynda 1993-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda gol çekilen Kömek bermek hakynda standart binýatlyk ylalaşygyň (KBHSY) 1-nji maddasynda salgylanýan resminama bolup durýar. KBHSY-da «Ýerine ýetiriji agente» degişli bolan ähli salgylanmalar «Ýerine ýetiriji hyzmatdaş» ýaly okalmalydyr. Şu taslama BMGÖM tarapyndan BMGÖM-nyň Maliýe düzgünlerinde we kadalarynda göz öňünde tutulan maliýe düzgünlerine, kadalaryna, tejribesine we düzgün-tertibine laýyklykda amala aýrylar. BMGÖM-nyň Maliýe müdirligi bahalaryň we hiliň iň gowy gatnaşygyny, adalatlylygy, halallygy, aýdyňlygy we netijeli halkara bäsdeşligi üpjün eder.

## TÖWEKGELÇILIKLERI DOLANDYRMAK

1. BMGÖM Ýerine ýetiriji hyzmatdaş hökmünde Birleşen Milletler Guramasynyň Howpsuzlygy üpjün ediş ulgamynyň (BMG HÜU) syýasatyny, düzgün-tertibini we tejribesini berjaý eder.
2. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş hökmünde BMGÖM-nyň Taslama resminamasyna laýyklykda alnan serişdeleriniň terrorçylyk bilen baglanyşygy bolan fiziki we ýuridik şahslara kömek bermek üçin peýdalanylmazlygyny üpjün etmek, şu resminama boýunça BMGÖM tarapyndan berilýän islendik pul möçberlerini alyjylaryň Birleşen Milletler Guramasynyň Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan düzülýän sanawda bolmazlygy we BMGÖM-nyň Taslama resminamasyna laýyklykda alnan serişdeleriniň hiç

biriniň jenaýatçylyk ýoly bilen gazanylan pullary kanunlaşdyrmak boýunça işde peýdalanylmazlygy üçin oýlanyşykly çäreleriň ählisini görmäge ylalaşýar. BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň sanksiýalar sanawy bilen şu saýtda tanyşyp bolar https://www.un.org/securitycouncil/content/un-sc-consolidated-list. Bu düzgün şu Taslama resminamasynyň çäklerinde baglaşylan ähli kömekçi potratçylyk şertnamalaryna ýa-da kömekçi ylalaşyklara goşulmalydyr.

3. Durmuş we ekologiýa taýdan durnuklylyk BMGÖM-nyň durmuş we ekologiýa standartlaryny (http://www.undp.org/se) we hasabatlylygyň degişli Mehanizmini (http://www.undp.org/secu-srm) ulanmagyň hasabyna ýokarlandyrylar.

4. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş hökmünde BMGÖM: (a) taslama we maksatnama bilen baglanyşykly işi BMGÖM-nyň Durmuş we ekologiýa standartlaryna laýyklykda amala aşyrar, (b) taslama ýa-da maksatnama üçin taýýarlanan islendik dolandyryş ýa-da netijeleri ýeňilleşdirmek meýilnamasyny şol standartlara laýyklykda amala aşyrar we (c) Hasabatlylyk mehanizminiň kömegi bilen ýüze çykarylan islendik meseleleri we şikaýatlary konstruktiw we öz wagtynda çözer. BMGÖM bileleşigiň we taslamanyň gyzyklanýan taraplarynyň Hasabatlylyk mehanizmi barada habarly bolmagyny we onuň şol taraplar üçin elýeter bolmagyny üpjün etmäge çalşar.

5. Şu Taslama resminamasyna laýyklykda işler amala aşyrylýan wagtynda Ýerine ýetiriji hyzmatdaş hökmünde BMGÖM jynsy taýdan ulanylandygy we jynsy taýdan masgara edilendigi we seksual erjellikler baradaky islendik arzalara öz düzgünnamalaryna, kadalaryna, syýasatyna we düzgün-tertibine laýyklykda sereder.

6. Şu Taslama resminamasyna gol çeken ähli taraplar maksatnama ýa-da taslama bilen ýa-da BMGÖM-nyň Durmuş we ekologiýa standartlaryny berjaý etmek bilen baglanyşykly islendik ýagdaýlara baha bermek boýunça islendik çäreleriň barşynda ak ýürekden hyzmatdaşlyk ederler. Bu taslamanyň obýektleriniň, degişli işgärleriň, maglumatlaryň we resminamalaryň elýeterligini üpjün etmekligi öz içine alýar.

7. Ýerine Ýetiriji hyzmatdaş hökmünde BMGÖM her bir jogapkär tarapyň, kömekçi potratçynyň we subrepisientiň aşakdaky borçnamalary hökmany ýerine ýetirmegini üpjün eder:

a. KBHSY-yň III maddasyna laýyklykda, her bir jogapkär tarapyň, kömekçi potratçynyň we subrepisientiň, olaryň işgärleriniň we emläginiň, şeýle hem BMGÖM-nyň şeýle jogapkär tarapyň, kömekçi potratçynyň we subrepisientiň garamagynda bolýan emläginiň howpsuzlygy we tükel saklanmagy üçin jogapkärçilik şonuň ýaly jogapkär tarapyň, kömekçi potratçynyň we subrepisientiň üstüne ýüklenýär. Şunuň bilen baglylykda, her bir jogapkär tarap, kömekçi potratçy we subrepisient şulara borçludyr:

i. Taslamanyň amala aşyrylýan ýurdunda howpsuzlyk ýagdaýyny nazara almak bilen, howpsuzlygy üpjün etmek boýunça degişli meýilnamany işe girizmeli we howpsuzlygy üpjün etmek meýilnamasyny goldamaly;

ii. şunuň ýaly jogapkär tarapyň, kömekçi potratçynyň we subrepisientiň howpsuzlygy bilen, şeýle hem howpsuzlygy üpjün etmek meýilnamasynyň ýerine ýetirilmegi bilen bagly ähli töwekgelçilikleri we borçnamalaryny öz üstüne almaly.

b. BMGÖM şeýle meýilnamanyň bardygyny barlamak we zerur bolanda meýilnama üýtgetmeleri girizmek hukugyny özünde saklap galýar. Howpsuzlygy üpjün etmek boýunça degişli meýilnamany, şu resminamada talap edilişi ýaly, goldamaga we ornaşdyrmaga ukypsyzlyk jogapkär

tarapyň, kömekçi potratçynyň we subrepisientiň şu Taslama resminamasy boýunça borçnamalarynyň bozulmagy hasap ediler.

c. Her bir jogapkär tarap, kömekçi potratçy we subrepisient (olaryň her biri «kömekçi tarap», bilelikde bolsa «kömekçi taraplar» bolup durýarlar) BMGÖM-nyň Taslamany durmuşa geçirmäge potratçylar ýa-da kömekçi potratçylar hökmünde gatnaşýan kömekçi taraplar we beýleki guramalar we olaryň işgärleri tarapyndan, şeýle hem Taslama resminamasyna laýyklykda olara hyzmat edýän islendik adamlar tarapyndan jynsy erjellik edilmegine çydamajakdygyny ykrar edýär we onuň bilen ylalaşýar.

(a) Şu Taslama resminamasyna laýyklykda çäreleriň durmuşa geçirilýän wagtynda Ýerine ýetiriji hyzmatdaş we onuň ýokarda ýatlanan jogapkär taraplarynyň her biri Baş sekretaryň «Jynsy taýdan ulanylmagyndan we jynsy taýdan masgara edilmekden goramak boýunça ýörite çärelere» (JUJMEGBÇ) degişli 2003-nji ýylyň 9-njy oktýabrynda kabul edilen ST/SGB/2003/13 Býulleteninde beýan edilen standartlary berjaý etmelidir.

(b) Mundan başga-da, şu Taslama resminamasynyň çäklerinde işler amala aşyrylanda işiň ýerine ýetirilmegine täsir edýän beýleki düzgünleri, kadalary, çäreleri we tertipleri ulanmak bilen çäklenmän, taraplaryň her biri, onuň islendik görnüşinde, jynsy erjelliklere (JE) sezewar edilmeli däldir. JE şunuň ýaly özüňi alyp barmaklyk işe päsgel berýän, işe ýerleşmegiň şerti bolup durýan ýa-da howply, duşmançylykly ýa-da göwne degiji iş ýagdaýyny döredýän mahalynda oňa esasly garaşyp ýa-da göwne degme ýa-da kemsitme hökmünde kabul edip boljak islendik işlenilmeýän jynsy häsiýetde özüňi alyp barmak hökmünde kesgitlenýär. Bu iş ýerinde ýa-da iş bilen baglanyşykly bolup geçip biler. Adatça bu özüňi alyp barmagyň belli bir modeli bilen bagly bolýan hem bolsa, SE aýratyn insident (waka) görnüşini alyp biler. Garaşmalaryň ýa-da kabul etmeleriň esaslylygyna baha berlende özüňi alyp barmagyň obýekti bolup durýan şahsyň garaýşy hem göz öňünde tutulmalydyr.

d. Şu Taslama resminamasyna laýyklykda işler amala aşyrylanda her bir kömekçi tarap (özüniň işi babatda), netijeli öňüni alyş we derňew çärelerini görmek maksady bilen, özüniň kömekçi taraplaryndan (olaryň işi babatda) olarda iň pes standartlaryň we düzgünleriň ýa-da işläp taýýarlamalar meýilnamasynyň bolmagyny we/ýa-da şeýle standartlaryň we düzgünleriň kämilleşdirilmegini talap etmelidir. Olar şulary öz içine almalydyr: jynsy erjellik, jynsy taýdan ulanmak we masgaralamak babatynda syýasaty; paş edilmekden/jeza berilmeginden goramak babatynda syýasaty; şikaýat etmegiň, düzgün-nyzam temmi çäreleriniň we derňew geçirmegiň mehanizmlerini. Şuňa laýyklykda, kömekçi taraplar özleriniň degişli kömekçi taraplarynyň aşakdaky çäreleri amala aşyrmak üçin zerur bolan çäreleriň ählisini görmegini hökmany ýagdaýda talap ederler:

(i) Öz işgärlerine, agentlerine ýa-da şu Taslama resminamasyna laýyklykda islendik hyzmaty etmek üçin çekilen beýleki adamlara JE ýa-da JUJMEGBÇ bilen meşgullanmagy gadagan etmek üçin;

(ii) Işgärlerine we olar bilen baglanyşykly işgärlere JE ýa-da JUJMEGBÇ babatynda öňüni alyş ýa-da baş galdyryş meseleleri boýunça okuw geçmegi teklip etmek üçin. Eger kömekçi taraplar JE ýa-da JUJMEGBÇ öňüni almak meseleleri boýunça özleri okuw geçirmeýän bolsalar, onda kömekçi taraplar BMGÖM-da bar bolan okuw materiallaryndan peýdalanyp bilerler;

(iii) Olar barada kömekçi taraplaryň islendik biri habarly edilen ýa-da başga bir görnüşde olara belli bolan JE ýa-da JUJMEGBÇ babatynda we olaryň ýagdaýy barada habar bermek we gözegçilik etmek;

(iv) JE ýa-da JUJMEGBÇ pidalaryny/jebir çekenleri howpsuz we ýaşyryn kömek almak üçin ugratmak.

(v) JE ýa-da JUJMEGBÇ babatynda berlen, derňew geçirmek üçin ýeterlik derejede hakyky bolan islendik arzalary öz wagtynda we ýaşyryn ýagdaýda bellige almak we derňemek. Her bir kömekçi tarap Taslama resminamasyna laýyklykda işleri bilen bagly, özi tarapyndan alnan şular ýaly arzalar we olar boýunça geçirilýän derňewler barada BMGÖM-na habar berýär.
(i) hususan-da adamlaryň goragyny we howpsuzlygyny goşmak bilen, derňew geçirilmegine howp salmaýan bolsa we/ýa-da (ii) ulanylýan kanunçylyga garşy gelmeýän derejede. Derňew geçirilenden soň degişli kömekçi tarap derňemek bilen bagly özi ýa-da başga bir edara tarapyndan geçirilen islendik hereketler barada BMGÖM-na habar berýär.
e. Her bir kömekçi tarap BMGÖM-nyň ýa-da şeýle tassyknamanyň berilmegi üçin onuň adyndan hereket edýän islendik beýleki tarapyň haýyşy boýunça BMGÖM-ny kanagatlandyrmak üçin özüniň ýokarda beýan edilenleri ýerine ýetirilendigini tassyklamalydyr. Degişli kömekçi tarapyň ýokarda görkezilenleri BMGÖM tarapyndan bellenilişi ýaly berjaý etmezligi Taslamany togtatmak ýa-da bes etmek üçin esas diýlip hasap edilýär.
f. Her bir jogapkär tarap, kömekçi potratçy we subrepisient özüniň amala aşyrýan islendik taslama işiniň BMGÖM-nyň Durmuş we ekologiýa standartlaryna laýyklykda geçirilmegini üpjün edýär we olaryň berjaý edilmedik islendik ýagdaýlar we meseleler barada BMGOM-nyň Durmuş we ekologiýa standartlaryna laýyklykda BMGÖM-na habar berilmegini üpjün edýär.

g. Her bir jogapkär tarap, kömekçi potratçy we subrepisient taslama amala aşyrylýan ýa-da BMGÖM-nyň serişdeleri peýdalanylýan mahalynda özüniň wezipeli adamlary, geňeşçiler, jogapkär taraplar, kömekçi potratçylar we subresipientler tarapyndan serişdeleriň hyýanatçylykly peýdalanylmagynyň, kezzapçylygyň ýa-da korrupsiýanyň öňüni almak üçin degişli çäreleri görýär. Her jogapkär tarap özüniň maliýäni dolandyrmak, BMGÖM-dan ýa-da onuň üstünden alnan ähli maliýe serişdeleri babatynda korrupsiýa we kezzapçylyga garşy göreş syýasatynyň bolmagyny we berjaý edilmegini üpjün edýär.
h. Her bir jogapkär tarap babatynda Taslama resminamasyna gol çekilen pursatynda güýje giren şu resminamalaryň talaplary ulanylýar: a) BMGÖM-nyň kezzapçylyk we beýleki korrupsiýa hereketleri babatynda syýasaty b) BMGÖM-nyň jenaýatçylykly ýol bilen alnan pullaryň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy göreş boýunça syýasaty; we (c)) BMGÖM-nyň Audit we derňewler müdirliginiň gollanma ýörelgeleri. Her bir jogapkär tarap ýokarda görkezilen resminamalaryň talaplary bilen ylalaşýar, olar şu Taslama resminamasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar we Internetde şu salgy boýunça elýeterdir: www.undp.org.

i.Derňew geçirmek zerur bolan ýagdaýynda BMGÖM BMGÖM-nyň taslamalarynyň we maksatnamalarynyň islendik jähtine degişli derňewleri geçirmäge borçludyr. Her bir jogapkär tarap, kömekçi potratçy we subresipient şu maksatlar üçin derňew geçirmek üçin talap edilip bilinjek oýlanyşykly möhletlerde we oýlanyşykly şertlerde işgärleri, degişli resminamalary bermegi we özüniň (we öz geňeşçileriniň, kömekçi potratçylaryň we subresipientleriň) jaýlaryna barmagy üpjün etmegi goşmak bilen, doly hyzmatdaşlyk edýär. Bu borçnamany ýerine ýetirmekde çäklendirmeler ýüze çykan ýagdaýynda BMGÖM meseläniň çözgüdini tapmak üçin geňeşmeleri geçirýär.

j. Her bir jogapkär tarap, kömekçi potratçy we subresipient, degişli derejede ýaşyrynlygy berjaý etmek bilen, serişdeleriň degişli bolmadyk görnüşde peýdalanylan ýa-da kezzapçylyk ýa-da korrupsiýa barada ynama mynasyp islendik ýagdaýlar barada biri-birine haýal etmän habar berýärler.

Eger taslama ýa-da BMGÖM-nyň işi çak edilýän kezzapçylyk/korrupsiýa babatynda dolulygyna ýa-da bölekleýin derňewiň predmeti bolup durýandygy özüne mälim bolan ýagdaýynda her bir jogapkär tarap, kömekçi potratçy we subresipient bu barada BMGÖM-nyň Hemişelik wekiline/Edaranyň ýolbaşçysyna habar berýär, ol BMGÖM-nyň audit we derňewler müdirligine (ADE) dessin habar bermelidir. BMGÖM-nyň ýurtdaky wekilhanasynyň ýolbaşçysyna we ADE şeýle derňewiň barşy we onuň bilen bagly hereketler barada yzygiderli habar berler.

k. BMGÖM-nyň degişli görnüşde peýdalanylmadyk, şol sanda kezzapçylyk, korrupsiýa ýa-da beýleki maliýe düzgün bozmalarynyň netijesinde peýdalanylan ýa-da Taslama resminamasynyň düzgünlerine we şertlerine laýyklykda däl-de başga bir görnüşde tölenen islendik serişdeleriň jogapkär tarap, kömekçi potratçy we subresipient tarapyndan öweziniň dolmagy talap etmäge hukugy bardyr. Şunuň ýaly pul möçberi BMGÖM tarapyndan şu ýa-da başga ylalaşyk boýunça jogapkär tarapa, kömekçi potratça we subresipiente tölenmäge degişli islendik tölegden tutulyp alnyp bilner.
Eger şeýle serişdeler BMGÖM-na gaýtarylmadyk bolsa, onda jogapkär tarap, kömekçi potratçy we subresipient BMGÖM-nyň şu Taslama resminamasynyň täsirine düşýän islendik iş üçin serişdelerden dolulygyna ýa-da bölekleýin maliýe serişdelerini berýän donorlarynyň (Hökümeti goşmak bilen) BMGÖM-nyň kesgitlemesi boýunça bellenen maksady boýunça ulanylmadyk, şol sanda kezzapçylyk ýa-da korrupsiýa ýoly bilen peýdalanylan ýa-da şu Taslama resminamasynyň düzgünlerine we şertlerine laýyklykda däl-de başga bir görnüşde tölenen ýagdaýynda islendik serişdeleriň öweziniň dolmagy üçin jogapkär tarapa ýüz tutup biljekdigi bilen ylalaşýar.

*Bellik:* Şu bentde ulanylýan «Taslama resminamasy» adalgasy Taslama resminamasy babatda baglaşylan degişli islendik ylalaşyklary, şol sanda jogapkär taraplar, kömekçi potratçylar we subresipientler bilen ylalaşyklary öz içine alýar diýlip hasap edilýär.

l. Şu Taslama resminamasy bilen bagly jogapkär tarap, kömekçi potratçy we subresipient tarapyndan resmileşdirilen islendik şertnamalar şertnamany seçip almak bilen bagly we ony ýerine ýetirmegiň barşynda, teklipde görkezilenden başga, hiç hili ýygymlaryň, hak-heşdekleriň, ýeňillikleriň, sowgatlaryň, komissiýa tölegleriniň ýa-da başga tölegleriň berilmändigi, alynmandygy ýa-da wada berilmändigi we taraplardan serişde alýan tarapyň töleg alnandan soň islendik derňewler we barlaglar bilen hyzmatdaşlyk etjekdigi baradaky düzgüni öz içine almalydyr.

m. BMGÖM-nyň taslama bilen bagly bikanun hereketler babatynda derňewleri geçirmek üçin degişli milli edaralara ýüz tutan halatynda hökümet milli edaralaryň derňewi alyp barmaga işjeň gatnaşmaklaryny we bikanun hereketlere gatnaşandygy anyklanan islendik adamlar babatynda degişli hukuk hereketleriniň amala aşyrylmagyny, zyýanyň öweziniň dolmagy we olaryň BMGÖM-na ähli serişdeleri gaýtarmaklaryny üpjün eder.

Her bir jogapkär tarap, kömekçi potratçy we subresipient özleriniň «Töwekgelçilikleri dolandyrmak» diýlip atlandyrylýan şu bölümde beýan edilen ähli borçlarynyň özleriniň kömekçi potratçylaryna we subresipientine berilmegini we «Töwekgelçilikleri dolandyrmak boýunça standart düzgünler» diýlip atlandyrylýan şu bölümiň ähli düzgünleriniň şu Taslama resminamasyna goşmaça baglaşyljak ähli kömekçi şertnamalara ýa-da kömekçi ylalaşyklara degişli görnüşde goşulmagyny üpjün etmelidir.

**Ýörite düzgünler**

1. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi Türkmenistanyň Hökümeti bilen BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň arasynda baglaşylan Bilelikde maliýeleşdirmek hakynda ylalaşygyň düzgünlerine laýyklykda, şu taslamany durmuşa geçirmek üçin **167,000 amerikan dollary (bir ýüz altmyş ýedi müň ABŞ dollary)** möçberinde gatanç berer, ol şu görnüşde BMGÖM-nyň hasabyna geçiriler:

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi Aşakda getirilen töleg tertibine laýyklykda, **167,000 amerikan dollaryna (bir ýüz altmyş ýedi müň ABŞ dollary)** deň bolan gatanjy dollar ekwiwalentinde şu hasaba geçirer: Citibank N.A., 111 Wallstreet New York, NY 10043, hasap belgisi 36349562 we rekwizitleri: SWIFT № CITIUS33, ABA № 021000089

| Tölegiň senesi | Pul möçberi |
|---|---|
| i.20.02.2026 | 90,925 amerikan dollary |
| ii.20.02.2027 | 76,075 amerikan dollary |

a. Ýokarda getirilen töleg tertibi Gatanjyň meýilleşdirilen işler başlanmazyndan öň geçirilmelidigi baradaky talaba laýyk gelýär. Bu tertip taslamany durmuşa geçirmegiň barşyna laýyklykda, özara ylalaşyk bilen üýtgedilip bilner.

b. BMGÖM taslama boýunça Gatanjy özüniň ulanylýan kadalaryna, düzgünlerine, syýasatyna, düzgün-tertibine we BMGÖM maksatnamasynyň görkezmelerine, şol sanda BMGÖM-nyň Ýerine ýetiriji geňeşi tarapyndan çykarylan Maliýe kadalaryna laýyklykda, ýöne olar bilen çäklenmän, alýar, ygtyýar edýär we peýdalanýar.

**2.** Tölegiň gymmaty, eger ol amerikan dollaryndan başga daşary ýurt pulunda geçirilýän bolsa, Birleşen Milletler Guramasynyň töleg senesinde hereket eden amal çalşyk hümmetini ulanmak bilen kesgitlenýär. Eger töleg BMGÖM maksatnamasy tarapyndan doly peýdalanylýança Birleşen Milletler Guramasynyň amal çalşyk hümmetininiň üýtgemegi bolup geçen bolsa, şol pursatda serişdeleriň saklanýan galyndysynyň gymmatyna degişli görnüşde düzediş giriziler. Eger şu ýagdaýda serişdeleriň galyndysynyň gymmatynyň peselendigi bellenen bolsa, BMGÖM hökümetiň goşmaça maliýe serişdesini bermek mümkinçiligini kesgitlemek maksady bilen, hökümete habar berýär. Eger goşmaça maliýe serişdesi elýeter bolmasa, BMGÖM taslama berilýän kömegi azaldyp, togtadyp ýa-da bes edip biler.

**3.** Ýokarda getirilen töleg tertibi tölegleriň meýilleşdirilen işler başlanmazyndan öň geçirilmelidigi baradaky talaby göz öňünde tutýar. Ol taslamany durmuşa geçirmegiň barşyna laýyklykda üýtgedilip bilner.

**4.** BMGÖM tölegi BMGÖM-nyň düzgünlerine, kadalaryna we görkezmelerine laýyklykda alýar we dolandyrýar.

5. Ähli maliýe hasaplary we hasabatlar amerikan dollarynda görkezilmelidir.

**6.** Eger çykdajylaryň ýa-da borçnamalaryň garaşylmadyk ýerden (hümmetsizlenme faktorlarynyň, çalşyk hümmetleriniň üýtgemeginiň ýa-da öňünden görülmedik ýagdaýlaryň netijesinde)

ýokarlanmagyna garaşylýan ýa-da ol bolup geçen bolsa, BMGÖM zerur bolan goşmaça maliýe serişdelerini görkezmek bilen, öz wagtynda hökümete goşmaça çenlik sanawyny berýär. Hökümet zerur bolan goşmaça serişdeleriň alynmagy üçin ähli tagallalary etmelidir.

**7.** Eger ýokarda görkezilen tölegler töleg tertibine laýyklykda alynmasa ýa-da eger ýokarda getirilen 6-njy bende laýyklykda Hökümetden ýa-da başga çeşmelerden zerur bolan goşmaça maliýe serişdeleri alynmasa şu Ylalaşygyň çäklerinde taslama berilýän kömek BMGÖM tarapyndan azaldylyp, togtadylyp ýa-da bes edilip bilner.

**8.** Gatanja degişli bolan islendik göterim girdejisi BMGÖM-nyň hasabyna geçirilýär we BMGÖM tarapyndan bellenen düzgünlere laýyklykda peýdalanylýar.

BMGÖM-nyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň çözgütlerine we görkezmelerine laýyklykda:

Gatanç şu görnüşde tölenmelidir:

(a) 7% ştab-kwartira we BMGÖM-nyň ýurtdaky edaralary tarapyndan umumy dolandyryş goldawyny (UDG) bermek üçin harajatlaryň öwez tölegi.

(b) Taslamany durmuşa geçirmäge goldaw bermek boýunça (TDH) BMGÖM we/ýa-da durmuşa geçirmek boýunça gurama-ýerine ýetiriji/hyzmatdaş tarapyndan edilýän hyzmatlar üçin göni harajatlar.

**9.** Gatanjyň hasabyna maliýeleşdirilýän enjamlara, degişli harytlara we beýleki emläge bolan eýeçilik hukugy BMGÖM-na geçýär. BMGÖM-na eýeçilik hukugy bermek bilen bagly meseleler BMGÖM-nyň degişli syýasatyna we düzgünlerine laýyklykda kesgitlenýär.

**10.** Gatanç diňe BMGÖM-nyň maliýe düzgünlerinde, kadalarynda we görkezmelerinde göz öňünde tutulan içerki we daşarky audit düzgün-tertibine degişlidir.